TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GURBAN BAÝRAMY BÜTIN DÜNÝÄDE DOGRUÇYLLYGY WE PÄKLIGI ÜNDEÝÄN, AGZYBIRLIGIMIZI, JEBISLIGIMIZI DÜNÝÄ ÝAÝÝAN, JEMGYÝETIMIZDE ÄHLUMUMY RUHUBELENTLIGI DÖREDÝÄN GADYMY BAÝRAMDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
5-nji iýun, 2025. Belgisi 23/1641

# TÜRKMENISTAN–MONGOLIÝA: KÖPUGURLY NETIJELI HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

*1-2-nji iýunda Ulan-Batorda hormatly Prezidentimiziň Mongoliýa amala aşyran döwlet saparynyň çäklerinde iki dostlukly ýurduň döwlet Baştutanlary Serdar Berdimuhamedowyň we Uhnaagiýn Hurelsuhyň arasynda gepleşikler geçirildi.*



Dostlukly ýurduň Baştutany belent mertebeli myhmany mongol topragynda mähirli mübäreklap, Mongoliýa döwlet sapary bilen gelmäge çakylygy kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Uhnaagiýn Hurelsuha bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden minnetdarlygyny beýan etdi. Döwlet Baştutanymyz pursatdan peýdalanyp, mongol kärdeşine türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi hem-de Gahryman Arkadagymyzyň Mongoliýanyň Prezidentiniň geçen ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistana amala aşyran döwlet saparyny we onuň Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan halkara foruma işjeň gatnaşandygyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Mongoliýa bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy ösdürmegi we giňeltmegi ugur edinýändigini tassyklady. Döwlet Baştutanymyz bu saparyň ikitaraplaýyn gatnaşyklara täze itergi bermäge gönükdirilendigini aýdyp, bilelikdäki tagallalaryň netijesinde bu ugurdaky maksatlara ýetiljekdigine ynam bildirdi.

Prezident Uhnaagiýn Hurelsuh geçen ýyl Aşgabatda geçirilen ýokary derejedäki gepleşikleriň ähmiýetini belläp, onuň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň döwletara gatnaşyklary ösdürmekde möhüm ädim bolandygyny belledi we mümkinçilikden peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa mähirli salamyny beýan etdi.

Ynanyşmak we işjeňlik ýagdaýynda geçen gepleşikleriň dowamynda, uzak möhletli geljegi hasaba almak bilen, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary anyklaşdyryldy. Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Uhnaagiýn Hurelsuh söwda-ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmek üçin köpugurly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, iki ýurduň halklarynyň has-da ýakynlaşmagyna ýardam berýän medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagynyň möhümdigini aýtdylar. Duşuşygyň dowamynda taraplar özara gyzyklanma bildirilýän sebit we halkara gün tertibiniň möhüm ugurlary boýunça pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdirildi.

Prezident Uhnaagiýn Hurelsuh döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowy we Türkmenistanyň wekiliýet agzalaryny ýene bir gezek tüýs ýürekden mübäreklap, Mongoliýanyň Türkmenistan bilen ýola goýlan dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga, şeýle hem ähli ulgamlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmäge we ösdürmäge ygrarlydygyny tassyklady. Şunda ýokary derejedäki özara saparlaryň iki ýurduň halklarynyň arasyndaky dostluk gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine ynam bildirildi.

Hormatly Prezidentimiz mähirli kabul edilendigi we myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuha ýene bir gezek minnetdarlyk bildirip, şu duşuşygyň Mongoliýanyň Prezidentiniň geçen ýylyň güýzünde Türkmenistana amala aşyran döwlet saparynyň barşynda geçirilen gepleşikleriň özboluşly dowamydygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen-mongol gatnaşyklarynyň ulgamlaýyn we yzygiderli häsiýete eýe bolýandygy hem-de durnukly özara bähbitli hyzmatdaşlyk derejesine çykýandygy bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Mongoliýa bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegi we ep-esli giňeltmegi maksat edinýändigini tassyklap, häzirki döwürde bu ugurda hyzmatdaşlyga güýçli depgin we köpugurly häsiýet bermek üçin ähli şertleriň bardygyna ynam bildirdi. Döwlet Baştutanymyz ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga ünsi çekip, bu ugurda tagallalary birleşdirmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan ýurtlaryň ençemesiniň çäklerini öz içine alýan utgaşdyrylan ulag-logistika geçelgelerini döretmek boýunça iri taslamalary durmuşa geçirmegi maksat edinýän «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» başlangyjyny öňe sürdi. Bu taslamalar deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň meseleleri bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr.

Şu ýylyň awgust aýynda Hazar deňziniň türkmen kenarynda Döwlet we Hökümet Baştutanlarynyň derejesinde Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçiriler. Bu maslahat «Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny goldamak arkaly ösüşe ýardam bermek» atly şygar bilen geçiriler diýip, hormatly Prezidentimiz Mongoliýany bu maslahatyň işine gatnaşmaga çagyrdy. Bu ugurda Türkmenistanyň mongol tarapy bilen bir maksada gönükdirilen dialogyň dowam etdirilmegine bil baglaýandygy bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, Türkmenistanyň şu ýylyň aprel aýynda «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin Halkara barlag merkezini döretmek hakynda köptaraplaýyn ylalaşyga» resmi taýdan goşulandygyny belledi hem-de türkmen tarapynyň Ulan-Batorda ýerleşýän bu merkez bilen işjeň özara hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz energetika pudagynyň hyzmatdaşlygyň ýene-de bir ugrudygyny belläp, Türkmenistanyň bu ugurda anyk özara hyzmatdaşlyk üçin mümkinçilikleri görýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyz mongoliýaly hyzmatdaşlaryň tekliplerine seretmäge, telekeçileriň göni gatnaşyklaryny ýola goýmakda goldaw bermäge, özara söwda amallaryny amala aşyrmak üçin amatly hukuk şertlerini döretmäge taýýardyr.

Döwlet Baştutanymyz medeni-ynsanperwer ulgamda hem bilelikde iş alyp barmak üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy. Syýahatçylyk ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek üçin hem amatly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Şu ýyl Türkmenistan üçin aýratyn ýyldyr. Şu ýyl ýurdumyzyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bellenilýär. Şeýle hem 2025-nji ýyl Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu wakalaryň şanyna şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda halkara forum geçiriler diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow aýtdy we Prezident Uhnaagiýn Hurelsuhy bu dabaralara gatnaşmaga çagyrdy.

Döwlet Baştutanymyz sözüniň ahyrynda netijeli gepleşikler, hoşniýetlilik we iki halkyň hem-de döwletiň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläkde berkitmäge taýýarlyk üçin, Prezident Uhnaagiýn Hurelsuha we mongol wekiliýetiniň ähli agzalaryna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Soňra Mongoliýanyň Baştutany çykyş edip, gepleşikleriň netijeli bolandygyny, olaryň barşynda döwletara gatnaşyklarda ýetilen sepgitleriň ara alnyp maslahatlaşylandygyny aýtdy. ■ 2

## Ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni bellenildi

Hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän döwlet syýasatynda jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmak, berk bedenli nesilleri ýetişdirmek, ýaşlary köpçülikleýin bedenterbiýe-sport hereketlerine işjeň çekmek möhüm ugurlaryň biri hasaplanylýar. Bu ugurda alnyp barylýan işler halkymyzyň durmuşyna berk ornaşan sagdyn durmuş ýörelgelerini dünýä ýaýmaga giň ýol açýar. Gahryman Arkadagymyzyň öňe süren sagdyn durmuş ýörelgesi esasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 3-nji iýunyň «Bütindünýä welosiped güni» diýlip yglan edilmegi hem döwletimizde sporty ösdürmek ugrundaky tagallalaryň dünýädäki ykrarnamasyna öwrüldi. Milli Liderimiziň şeýle möhüm başlangyçlarynyň netijesinde döwletimiz indi sportuň wagyz edilýän, halkara sport ýaryşlarynyň geçirilýän mekanyna öwrüldi.



Mälim bolşy ýaly, 3-nji iýunda Bütindünýä welosiped güni mynasybetli paýtagtymyzda köpçülikleýin welosipedli ýöriş geçirilip, oňa hormatly Prezidentimiz gatnaşdy. ■ 2

## Gurban baýramy – hoşniýetliligiň baýramy

**Külli musulmanlar bilen birlikde türkmen halky hem ata Watanymyzda Gurban baýramyny ýokary derejede belleýär. Türkmen topragynda gadymdan bäri aýratyn sarpalanýan bu mukaddes baýramçylygyň milli senenamamyzyň ähmiýetli seneleriniň sanawyna girizilmegi bilen, ata-babalarymyzyň ajaýyp däplerini dowam edýän halkymyz Gurban baýramyny giňden we şatlykly ýagdaýda belleýär.**



**Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň Permany bilen 2025-nji ýylyň 6-7-8-nji iýunynda Gurban baýramy bellenilýär. Gurban baýramynyň ahyrky gününiň dynç gününe düşýändigini nazarda tutup, hormatly Prezidentimiziň Permany esasynda dynç güni 9-njy iýuna geçirildi. Şeýlelikde, türkmen halkymyz uly agzybirlikde Gurban baýramyny bellär. Gadymdan gelýän bu baýram adamlaryň köňlüni päkläp, ýagşylyga çagyrýar.** ■ 2

## Şadyýan tomus – bagtyýar çagalyk

Ýurdumyzyň ähli ýerinde 2024 – 2025-nji okuw ýylyny üstünlikli tamamlan çagalar tomusky dynç alyş möwsümine çykdylar. Möwsümi netijeli hem-de şagalaňly geçirmek maksady bilen maksatnamalaýyn işleriň alnyp barylmagy netijesinde çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümine guramaçylykly girişildi. Çagalar Awazadaky, Gökderedäki we welaýatlaryň çäginde ýerleşýän çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerine dabaraly ugradyldy.



Tomusky dynç alyş möwsüminiň dowamynda Gökderedäki çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri her biriniň dowamlylygy 20 günden ybarat bolan üç tapgyrda hereket eder, bu merkezlerde bir tapgyrda ýurduň dürli künjeklerinden 7145 çaganyň dynç alşy guralar.

Welaýatlarda ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri her biriniň dowamlylygy 20 günden ybarat bolan 3 tapgyrda hereket edip, bu merkezlerde bir tapgyrda ýurdumyzyň dürli künjeklerinden 1500 çaganyň dynç alşy guralar. ■ 6

## Esasy maksat – ekologiýa abadançylygy

**Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni ýurdumyzyň milli senenamasynda orun alyp, giňden bellenilýän seneleriň biridir. Çünki Diýarymyzda daşky gurşawy goramaga, tebigata aýawly çemeleşmäge, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge aýratyn ähmiýet berilýär.**



**Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Garaşsyz ýurdumyzda daşky gurşawy goramak ulgamynyň kanunçylyk binýadyny berkitmek we kämilleşdirmek boýunça netijeli işler ýerine ýetirilýär. Bu işler bilen birlikde, Diýarymyzda ekologiýa we daşky gurşawy goramak boýunça halkara maslahatlaryň geçirilmegi döwletimiziň ekologiýa syýasatynyň netijeli amala aşyrylýandygyny aýdyň görkezýär.**

**Häzirki zaman ylmynyň we tehnologiýanyň çalt ösýän döwründe adamzadyň öňünde ekologiýa bilen baglanyşykly möhüm meseleler ýüze çykýar.** ■ 2



### Gowaklary bilen meşhurlyk gazanan seýilgäh

«Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähi Hanoý şäheriniň 500 kilometr günortasynda ýerleşýär. 857 müň inedördül kilometr meýdany tutýan bu seýilgähde 300-den gowrak gowak bar. 3



### Bill Geýts: tomusda okamak üçin kitaplar

Dünýä belli amerikan işewüri Bill Geýts tomusda okamak üçin kitaplaryň sanawyny hödürledi. Şu ýyl ol öz terjimehalyny gürrüň berýän ýazyjylaryň kitaplaryny okamagy maslahat berdi. 4




### PSŽ – UEFA Çempionlar Ligasynyň 24-nji çempiony

UEFA Çempionlar Ligasynda 70-nji möwsümiň çempiony belli boldy. PSŽ «Interi» 5-0 hasabynda ýeňip, taryhy çempionlyk gazandy. 5

# TÜRKMENISTAN-MONGOLIÝA: KÖPUGURLY NETIJELI HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hem Prezident Uhnaagiýn Hurelsuh ykdysady ugurlara ünsi çekmek bilen, hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerine hem-de ileri tutulýan ugurlaryna garalandygyny belledi.

Prezident Uhnaagiýn Hurelsuh hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň beýan eden ähli tekliplerini goldap, Mongoliýanyň we Türkmenistanyň Hökümetleriniň hem-de ugurdaş düzümleriniň arasynda gol çekiljek resminamalaryň möhüm ähmiýetini nygtady. Şunda gepleşikleriň dowamynda türkmen-mongol gatnaşyklarynyň hukuk binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak, şeýle hem söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygyň many-mazmunyny baýlaşdyrmak we giňeltmek barada ylalaşyk gazanylandygy bellenildi. Şunuň bilen birlikde, ulag gatnawlaryny hem-de logistikany ösdürmek maksady bilen, Awtomobil ulagy boýunça bilelikdäki komitetiň, şeýle hem oba hojalygy, weterinariýa hem-de maldarçylyk boýunça degişli komitetleriň döredilmeginiň möhümdigi nygtaldy.

Mongoliýanyň Baştutany özara söwda dolanyşygynyň hem-de harytlaryň görnüşleriniň artmagy bilen baglylykda, ýeňil senagat pudagynda taslamalary we maksatnamalary bilelikde durmuşa geçirmek hakynda gazanylan ylalaşyklaryň ähmiýetini belledi. Dostlukly döwletiň Baştutany şeýle hem Türkmenistan bilen halkara we sebitleýin guramalaryň çäklerinde mundan beýläk-de işjeň hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny tassyklady. Bu ugurda biziň ýurtlarymyz birek-biregiň tekliplerini we başlangyçlaryny özara goldaýarlar.

Prezident Uhnaagiýn Hurelsuh Mongoliýanyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanylan «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin Halkara barlag merkezini döretmek hakynda köptaraplaýyn ylalaşyga» goşulandygy üçin Türkmenistana tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Dostlukly döwletiň Baştutany Mongoliýanyň ýurdumyz bilen köpugurly netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi ugur edinýändigini ýene bir gezek tassyklady.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Mongoliýa döwlet saparynyň dowamynda söwda-ykdysady, ýeňil senagat, ylym-bilim, medeniýet we saglygy goraýyş ulgamlarynda iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilen 14 resminama gol çekildi.

# ÝURDUMYZDA BÜTINDÜNÝÄ WELOSIPED GÜNI BELLENILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýörişiň dowamynda hormatly Prezidentimiz, hemişe bolşy ýaly, ýokary beden hem-de sport taýýarlygyny görkezdi. Jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkitmegi döwlet syýasatynyň strategik ugurlarynyň biri hökmünde



kesgitlän Gahryman Arkadagymyz we hormatly Prezidentimiz sportuň dürli görnüşleri bilen yzygiderli meşgullanyp, ildeşlerimize görelde bolýarlar. Munuň özi türgenleri halkara ýaryşlarda ýeňiş gazanmaga ruhlandyrýar. Olaryň üstünlikleri ýurdumyzda bu ugurda durmuşa geçirilýän çäreleriň netijeli häsiýete eýedigini tassyklaýar hem-de Türkmenistanyň halkara sport giňişligindäki abraýyny pugtalandyrýar.

Bütindünýä welosiped gününiň dabaralary ýurdumyzyň ähli künjeklerinde köpçülikleýin bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş çäreleri bilen utgaşdy. Mahlasy, Birleşen Milletler Guramasynyň senenamasynda mynasyp orun alan bu halkara baýram mynasybetli geçirilen şu gezekki welosipedli ýöriş jemgyýetimizi umumy maksadyň daşynda jebisleşdirip, Türkmenistanyň sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdudygyny ýene bir gezek äşgär etdi.

Häzirki wagtda welosportuň dünýädäki muşdaklarynyň sany barha artýar. Ýurtlary we halklary jebisleşdirýän baýram bolan Bütindünýä welosiped güni hem sportuň bu görnüşiniň giňden wagyz edilmegine, jemgyýetde ekologiýa medeniýetiniň ilerledilmegine ýardam berýär. Welosport fiziki işjeňligi arassa howada dynç almak bilen utgaşdyrmaga mümkinçilik berip, syýahatçylyk üçin täze gözýetimleri açýar. Sportuň bu görnüşi ähli ýaşdaky adamlar üçin elýeterlidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda welosiped sportunyň meşhurlygy has artýar. Berkarar Watanymyzda Bütindünýä welosiped güni giňden bellenip geçilýär. Bilşimiz ýaly, Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek hakynda Kararnama, şeýle-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji umumy mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnama kabul edildi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 3-nji iýunynda bellenilen Bütindünýä welosiped gününiň dabaralary Watanymyzyň sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekanydygy bilen bagly hakykaty nobatdaky gezek dabaralandyrdy. Türkmen sportunyň ösüşine bimöçber üns berýän hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, döwletli tutumlary hemişe rowaç alsyn!

**Jeren ÝAZKULYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# GURBAN BAÝRAMY – HOŞNIÝETLILIGIŇ BAÝRAMY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gurban baýramy ozaly bilen, maşgala baýramy bolup, her öýde gadyrly myhmanlar üçin datly tagamlar taýýarlanylýar. Bu baýram hoşmeýilliligiň we mähribanlygyň baýramy bolup, adamlary birleşdirýär.

Bu baýramyň esasy ybadatlary baýram namazyny okamak hem-de gurbanlyk çalmakdyr. Gurbanlyk kesmek Gurban baýramynyň birinji güni Baýram namazy okalandan soň başlanyp, üçünji günüň agşamyna çenli dowam edýär. Şeýle-de gurbanlykda soýuljak mal sagdyn we semiz bolmalydyr. Düzgün boýunça gurbanlyk malyň eti deň üç bölege bölünmeli. Bu bölekleriň biri gurbanlyk berýäniň maşgalasyna, bir bölegi dogan-garyndaşa, galan bir bölegi bolsa gurbanlyk kesip bilmediklere paýlanmaly.

Rowaýatda, yslam çeşmelerinde gurbanlyk bermek dessurynyň Adam atadan bäri berjaý edilip gelinýändigi barada aýdylýar. Gurban baýramy Allanyň ynsanlara nygmat eçilen güni hasaplanypdyr. «Gurbanlyk» sözi, aslynda, «ýakynlaşmak, ýakyn bolmak» diýen manyny aňladýar. Ata-babalarymyz Gurban baýramynda edilen arzuw-islegleriň, ýürege düwlen päk niýetleriň hasyl bolýandygyny belläpdirler. Bu baýramyň öň ýanynda öýke-kineli adamlar ýaraşypdyrlar.

Gurban ybadatynyň şerti gurban edilmegine rugsat berlen jandarlardan birini gurbanlyk günlerinde kesmekdir.Sygyr we düýäni ýedi kişä çenli şärik bolup kesmek mümkindir. Emma goýun we geçini



diňe bir adam gurban kesip biler. Sygyr ýa-da düýe malyna şärik bolýanlaryň ählisi hem gurbanlyk niýeti bilen şärik bolmaly, aralaryndan bir kişi hem et almak niýeti bilen şäriklige goşulmaly däldir.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, gurbanlyk mal Gurban baýramynyň birinji, ikinji we üçünji günlerinde kesilýär. Ýöne birinji günde kesilmegi has sogaplydyr. Gurban kesmegiň wagty Baýram namazynyň okalmagyndan soňradyr.

Ýurdumyzyň zyýaratçylary yslam dünýäsiniň mukaddes ýerleri hasaplanýan Mekge we Medine şäherlerine haj parzlaryny berjaý etmek üçin zyýarata gitdiler. Ýurdumyzyň ähli ýerinden bolan zyýaratçylar musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň sahawatly günlerinde dünýä ýurtlaryndan barýan zyýaratçylaryň millionlarçasy bilen bir hatarda, Mekgede hem-de Medinede haj parzyny ýerine ýetirerler. Medinede zyýaratçylar hezreti Muhammet pygamberiň, onuň egindeşleriniň ruhlarynyň aram tapan ýerlerine, metjitlere we beýleki mukaddes ýerlere zyýarat ederler. Olar yslam dünýäsiniň baş mukaddesliklerine togap edip, mukaddes Käbäniň daşyndan aýlanarlar, ýurdumyz we halkymyz üçin doga-dileg ederler.

Mukaddes Gurban aýynda berlen gurbanlyklar, edilen dilegler kabul bolsun!

**Nepes ANNABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# MILLI ÖZGERTMELER ROWAÇLANÝAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly taryhy wakalara beslenýär. Şu ýyl ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýäniň iň abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilmegine 30 ýyl bolýar. Munuň özi halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýoluny, Türkmenistan ýurdumyzyň şan-şöhratyny dünýä ýaýýar. Ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda gazanylýan üstünlikler Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende göterýär. Bu üstünliklere agzybir türkmen halky buýsanýar.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňe sürýän başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn goldawa eýe bolýandygy Watanymyzyň gün-günden kuwwatly depginler bilen ösýändigini görkezýär. Häzirki wagtda ählumumy ykdysadyýetiň çalt depginlerde ösmegi we döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň geriminiň giňemegi sebitara hyzmatdaşlygyň möhüm ähmiýetini alamatlandyrýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ol has-da aýdyň ilerleýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda dünýäniň ähli döwletleri bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmaga, öňden gelýän hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Ajaýyp döwrümizde döwletiň kanunçylyk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmek, döwrüň talabyna laýyk getirmek ýurduň, jemgyýetiň ösüşini, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini, hukuk goraglylygyny üpjün etmekde möhüm şertleriň biridir. Ykdysadyýetiň dürli ulgamlaryna maglumat tehnologiýalaryny işjeň ornaşdyrmak, maglumat tehnologiýalarynyň howpsuz düzümlerini döretmek, sanly hyzmatlary artdyrmak milli maksatnamalarda ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda durýar. Türkmenistanyň ulag-logistika we üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmäge hem-de gümrük serhedi arkaly ýük dolanyşygynyň möçberini ýokarlandyrmaga, üstaşyr harytlaryň çalt daşalmagy we ulag serişdeleriniň kadaly gatnamagy üçin amatly şertleriň döredilmeginde maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär.



Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerindäki gümrük nokatlarynyň durkunyň täzelenmegi, maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagy, şeýle hem gümrük işinde maglumat ulgamlarynyň we maglumat tehnologiýalarynyň giňden ornaşdyrylmagy gümrük nokatlarynyň ulag geçirijilik kuwwatlylygyny ýokarlandyrdy. Tebigy baýlyklaryň uly gorlaryna, kuwwatly senagat düzümlerine eýe bolan, geografik taýdan amatly ýerde ýerleşýän hemişelik Bitarap Türkmenistan öz mümkinçiliklerine esaslanyp, bütin adamzadyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen taslamalary durmuşa geçirmek ugrunda tagallalary birleşdirmäge ymtylýar. Şu ýylyň 19-njy martynda ýurdumyzda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara forumda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de 4-nji aprelde Özbegistanyň Samarkant şäherinde guralan «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammitde hormatly Prezidentimiziň öňe süren teklipleri bu hakykaty dolulygyna tassyklaýar.

Türkmenistan daşary ykdysady gatnaşyklary yzygiderli ösdürmek bilen, halkara söwda, maýa goýum we tehnologik işlere işjeň gatnaşýar. Yzygiderli esasda geçirilýän halkara forumlar özara tejribe alyşmakda we hyzmatdaşlygyň täze gözýetimlerini kesgitläp, asylly maksatlara ýetmekde möhüm meýdança bolup hyzmat edýär. Dünýä döwletleriniň, halkara maliýe düzümleriniň, abraýly kompaniýalaryň wekilleriniň ýurdumyzda durmuşa geçirilýän taslamalara uly gyzyklanma bildirmegi milli ykdysadyýetimiziň ösüşleriniň, ýurdumyzyň ýeten sepgitleriniň bütin dünýäde ykrar edilýändigini tassyklaýar. Dost-doganlyk we hoşniýetli hyzmatdaşlyk ýörelgeleri esasynda Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan durmuşyň hözirini görüp ýaşamagy üçin taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Şeker TIRKEŞEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Ata Salyh adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# WATANYŇ DAÝANJY ÝAŞLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýaşlar syýasatynda gazanylýan ösüşler we özgerişlikler göwünleri galkyndyrýar. Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak üçin ýaşlara uly ynam bildirilýär. Hormatly Prezidentimiziň sowgady bolan «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitaby ýaşlara işde, okuwda, döredijilikde ýakyn gollanma bolup hyzmat edýär.

Geljegimiz bolan ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösen, ruhy taýdan sagdyn, işbaşarjaň hem zehinli bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde halkymyzyň uzak taryhyň dowamynda toplan, kämilleşdiren baý durmuş tejribesine, häzirki zaman ylmynyň, medeniýetiniň gazananlaryna daýanylyp, türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym, medeni we ruhy ahlak taýdan sazlaşykly ösmegine giň mümkinçilikler döredilýär. Bu ugurda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi döwrümiziň iň möhüm ädimleriniň biridir.

«Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäginde kämil, berk bedenli we ruhy taýdan sagdyn, öz halkynyň medeniýetini we däp-dessurlaryny hem-de mizemez maşgala gymmatlyklaryny hormatlaýan şahsyýeti kemala getirmäge gönükdirilen anyk çäreler görülýär. Hormatly Prezidentimiz ýurduň ygtybarly daýanjy hem guwanjy bolan ýaşlaryň päk terbiýe, döwrebap bilim almagyna aýratyn üns berýär. Okumyş, giň gözýetimli, ahlak taýdan arassa we ynsanperwer ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek biziň her birimiziň asylly maksadymyzdyr. Şonuň üçin hem ýaşlaryň döredijilik maksatlarynyň durmuşa geçirilmegi üçin ähli şertler döredilýär.



Ýaşlar eziz Diýarymyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklarynda netijeli zähmet çekýärler. Telekeçilik bilen meşgullanýan ýaşlara goldaw bermek hem-de olary bu işe höweslendirmek ugrunda ýurdumyzda uly tagallalar edilýär. Ata Watanymyzda durmuşa geçirilýän uly möçberli düzümleýin taslamalar, talyp ýaşlardyr ýaş hünärmenler üçin özboluşly synag merkezi, kämilligiň binýady bolup durýar.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan başga-da Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan Türkmenistanyň Zähmet, Maşgala, Ilaty durmuş taýdan goramak, Ýaşaýyş jaý kodeksleri, «Bilim hakynda», «Medeniýet hakynda», «Döwlet ylmy – tehniki syýasaty hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda», «Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirmesi hakynda», «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda», «Bedenterbiýe we sport hakynda», «Meýletinçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. Olarda ýaşlaryň hukuklary we borçlary bilen bagly meseleler öz beýanyny tapýar.

Ýurdumyzyň ýaş neslini watançylyk ruhunda terbiýelemek bilen bir hatarda, olara taryhy ösüşiň esasy maksatlaryny häzirki zaman meýillerini, döwlet syýasatynyň ugurlaryny düşündirmäge, häzirki taryhy döwürde ýaýbaňlandyrylan ägirt uly özgertmeleriň many- mazmunyny açyp görkezmäge uly üns berilýär.

**Pirmuhammet GARABATYROW,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň harby talyby.*



## MONGOLIÝANYŇ ILATY ARTÝAR

Mongoliýanyň ilaty 2024-nji ýylyň ahyryna çenli 3 million 546 müň 700-e ýetdi, bu bolsa ondan öňki ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 1,2% ýokarydyr. Bu baradaky hasabat şu ýylyň başynda ýurduň Milli statistika komiteti tarapyndan habar berildi. Resmi beýanatda bellenilen döwürde Mongoliýanyň ilatynyň 42 müň adam artandygy tassyklanýar. Milli statistika komitetiniň habaryna görä, Mongoliýanyň ilaty 1962-nji ýylda 1 million, 1988-nji ýylda 2 million we 2015-nji ýylda 3 million adama deň bolupdyr. Ýurduň ilatynyň 2033-nji ýylda 4 milliona, 2048-nji ýylda 5 milliona ýetmegine garaşylýar.

Tirkiş ŞÜKÜROW,
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*



## KÖNE ÝAZUW DIKELDILÝÄR

Mongoliýada Çingiz hanyň döwründen 1941-nji ýyla çenli ulanylan köne mongol ýazuwyna gyzyklanma barha artýar. Ýurduň ilaty bu ýazuwa hemişe hormat goýup, ony gorapdyr. Köne mongol ýazuwy beýleki ýazuwlardan tapawutlylykda, keseligine däl-de, dikligine we ýokardan aşaklygyna ýazylýar. Harplaryň şekili Ýakyn Gündogardan gözbaş alýar: Orta asyrlaryň köne uýgur we sogdyý elipbiýiniň üsti bilen gadymy Siriýa ýazuwyna uzaýar. Köne mongol elipbiýi XIII asyrda, ýagny mongollar Ýewraziýanyň ägirt uly giňişliklerine aralaşan wagtlary döredilipdir.

2015-nji ýylda ýurduň parlamenti Beýik Döwlet Huraly kirillisa elipbiýiniň ulanylmagyny makullaýan hem-de mekdep meýilnamasynda Köne mongol ýazuwyny hökmany öwrenmegi ileri tutýan Kanuny kabul etdi.

Aman GURBANGYLYÇEW,
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*



## «DÜNÝÄ HANYMY» BELLI BOLDY

Şu ýylyň «Dünýä hanymy» halkara bäsleşiginiň ýeňijisi tailandly 21 ýaşly Suçata Çuangsri boldy. Bu derejä eýe bolmak üçin 108 dalaşgär gatnaşdy diýlip, bäsleşigiň resmi web saýtynda habar berilýär. Tammasat uniwersitetiniň halkara gatnaşyklary fakultetiniň talyby Çuangsri model bolup işleýär, psihologiýa we antropologiýa bilen içgin gyzyklanýar. Suçata Çuangsri bäsleşigiň taryhynda bu derejä eýe bolan Tailandyň ilkinji wekili boldy. Bäsleşik 72-nji gezek geçirildi. Bäsleşigiň finaly Hindistanyň Haýdarabat şäherinde geçirildi.

Aýlar AKMYRADOWA,
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*



## UÇÝAN TAKSI SYNAG EDILDI

Beýik Britaniýanyň «Vertical Aerospace» kompaniýasy ilkinji gezek uçýan taksisini synagdan geçirdi. «VX4» elektrouçarynyň prototipi Angliýanyň Kotsuolds sebitinde asmana göterildi. Munuň üçin ýerli howa menziliniň uçuş-gonuş zolagy ulanyldy. Indiki synagda dik we kese uçuşy görkezmek göz öňünde tutulýar.

Golaýda Beýik Britaniýanyň ulag ministriniň orunbasary Maýk Keýn hökümetiň 2028-nji ýyla çenli howa taksilerini ornaşdyrmagy meýilleşdirýändigini habar beripdi. Ýurtda «VX4» işlenip taýýarlanmagy üçin döwlet tarapyndan millionlarça maliýe serişdeleri bölünip berildi. Dört ýolagça niýetlenen uçar 160 kilometre çenli uçmaga we tizligini sagatda 240 kilometre çenli artdyrmaga ukyplydyr.

Rejepgeldi HAJYÝEW,
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Esasy maksat – ekologiýa abadançylygy

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Howanyň ýylylygy, hapalanmagy, tebigy serişdeleriň çäkliligi ýaly meseleler dünýä jemgyýetçiligini täze energiýa çeşmelerini gözlemäge mejbur edýär. Ine, şeýle ýagdaýda «ýaşyl» energiýa, ýagny tebigy çeşmelerden alynýan täzelenýän energiýa öňe çykýar.

Şu nukdaýnazardan paýtagtymyz Aşgabatda «Uglewodorod ýataklaryny özleşdirmekde innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň ekologik jähetleri» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirilýär. Onuň esasy maksady daşky




gurşaw meselelerine, hususan-da, nebit we gaz ýataklaryny özleşdirmek döwründe metany we oňa bagly gaz zyňyndylaryny azaltmaga aýratyn üns bermek bilen baglanyşykly mowzuklardan ybarat bolar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Türkmenistan 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylaryny doly aradan aýyrmagy meýilleşdirýär we uzak möhletleýin döwürde her ýyl öz hasabyna zyňyndylary ep-esli azaltmagy, halkara guramalaryň, maliýe düzümleriniň goldawy bilen dünýä jemgyýetçiliginiň bu ugurdaky tagallalaryna goşant goşmagy meýilleşdirýär. Aşgabat Merkezi Aziýada klimat tehnologiýalaryň sebitleýin merkezini açmak başlangyjyny öňe sürdi. Mundan başga-da, Türkmenistan ozal BMG-niň suw strategiýasyny işläp düzmek, BMG-niň Aral deňzi boýunça ýörite maksatnamasyny döretmek we Hazar deňziniň ekoulgamlaryny goramak boýunça başlangyçlary bilen çykyş etdi.

Kadyrberdi ÇALYÝEW,
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Azyk bolçulygynyň berk binýady

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda durmuşa geçirilýän tutumly işleriň bady barha artýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda oba hojalyk pudagyny ösdürmek, azyk howpsuzlygyny berkitmek boýunça ägirt uly işler durmuşa geçirilip, belent sepgitlere ýetilýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň babadaýhanlary guşgursak ak bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirdiler. Ýurdumyzyň esasy baýlyklarynyň biri bolan bugdaýyň bol hasylyny ýetişdiren edermen gallaçylar guşgursak ak bugdaýyň ýekeje dänesini hem isrip etmän, meýdanlardan ýygnap almak üçin taýýarlyk işlerini guramaçylykly alyp barýarlar.

Gallaçy kärendeçiler özleriniň garamagyndaky bugdaýly ýerlerde ahyrky tapgyrda ideg işlerini berjaý edip, galla oragy möwsümine hem ykjam taýýarlyk gördüler. Şol bir wagtda sebitlerde ýokary iş



öndürijilikli kombaýnlarynyň galla oragy möwsümine gatnaşdyrylmagy göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda bu kombaýnlara önümçilik kärhanasynyň ussalary tarapyndan degişli tehniki hyzmatlar edilip, möwsüme birkemsiz taýýar ýagdaýda goýuldy.

Kombaýnlara orak möwsüminde iş üstünde zerur tehniki hyzmatlary amala aşyrmak üçin göçme abatlaýjy toparlar döredildi. Bu toparlar hünärmenler, tejribeli ussalar, abatlaýjy enjamlar, ätiýaçlyk şaýlary we beýleki zerur serişdeler bilen üpjün edildi. Bu bolsa orak möwsüminde kombaýnlaryň bökdençsiz işledilmegine şert döreder. Şeýle hem taýýar hasyly bugdaý kabul ediş nokatlaryna daşamak üçin edara-kärhanalaryň, awtoulag kärhanasynyň, şahsy hojalyklaryň ýük awtoulaglaryny peýdalanmak barada şertnamalar baglaşyldy.

Umuman, hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda şu ýylyň 4-nji iýunynda galla oragyna badalga berildi. Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň edermen babadaýhanlary bolsa 11-nji iýunda galla oragyna girişerler.

Gülöwser ANNAÝEWA,
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 5-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116463

Belgisi: 23/1641
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Italiýa Merkezi Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyny giňeldýär

*Italiýanyň Premýer-ministriniň Astana we Samarkanda eden sapary wagtynda strategik hyzmatdaşlygy güýçlendirmek baradaky şertnamalara, şeýle hem möhüm çig mal we migrasiýa ýaly dürli ugurlardaky birnäçe şertnamalara gol çekildi.*

Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloniniň Astana eden sapary wagtynda Italiýanyň we Gazagystanyň arasynda jemi 4 milliard ýewro barabar birnäçe şertnamalara gol çekildi. Taraplar strategik hyzmatdaşlygy güýçlendirmek, nebit-gaz, gaýtadan dikeldilýän energiýa we suw ätiýaçlyklarynyň dolandyryşy ýaly dürli pudaklarda hyzmatdaşlygy giňeltmek barada ylalaşandyklaryny mälim etdiler. Astanada geçirilen halkara forumda çykyş eden Meloni Merkezi Aziýa ýurtlary bilen gatnaşyklary çuňlaşdyrmagyň möhümdigini aýtdy.

– Biz halklarymyzy birleşdirýän dostlugy hem-de köp möhüm pudaklarda strategik hyzmatdaşlygymyzy berkitmegi maksat edinýäris. Italiýa Merkezi Aziýa maýa goýmak kararyna gelen ilkinji Ýewropa Bileleşiginiň ýurdy boldy – diýip, Meloni forumda eden çykyşynda belledi.



Ikitaraplaýyn strategik hyzmatdaşlyk baradaky jarnamadan başga-da, ýurtlaryň ýolbaşçylary möhüm minerallar we çig mal baradaky resminamalara gol çekdiler.

– Şu günki duşuşyk köp ugurlarda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmegine örän çynlakaý itergi berdi. Biz ýurtlarymyzyň arasyndaky söwdanyň ösmegine uly ähmiýet berýäris. Italiýa Gazagystanyň üçünji uly söwda hyzmatdaşy we Ýewropa Bileleşiginiň iň uly hyzmatdaşydyr – diýip, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Meloni bilen bolan duşuşygynda aýtdy.

Resmi maglumatlara görä söwdanyň mukdary 20 milliard dollara ýetdi. Hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary nebit-gaz pudagy, energiýa, suw ätiýaçlyklarynyň dolandyrylyşy, maşyn gurluşygy we agrosenagat toplumydyr.

**RIMIŇ ADY KÖÇÄ DAKYLDY**

● Premýer-ministr Jorja Meloni Astana saparyndan öň, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen Samarkantda gepleşik geçirdi. Gepleşikleriň barşynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak baradaky jarnama, şeýle hem möhüm çig mal we migrasiýa babatynda birnäçe şertnamalara gol çekildi. Italiýanyň Premýer-ministriniň sapary mynasybetli Samarkantdaky köçeleriň birine Italiýanyň paýtagtynyň ady dakyldy. Prezident Mirziýoýew bu kararyň iki ýurduň arasyndaky çuňňur taryhy we medeni gatnaşyklary, şeýle hem Özbegistanyň we Italiýanyň halklarynyň arasyndaky dostlugyň we birek-birege hormat goýmagyň nyşanydygyny aýtdy. Bu duşuşykda iki ýurduň arasynda umumy bahasy 3 milliard ýewrodan gowrak bolan şertnamalaryň baglaşylmagyny göz öňünde tutýan jarnama gol çekildi.

Ýatlap geçsek, 30-njy maýda Astana şäherinde Merkezi Aziýanyň Baştutanlary bilen Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloniniň gatnaşmagynda ilkinji «Merkezi Aziýa-Italiýa» sammiti geçirildi.

Şeýle formatda ilkinji gezek geçirilýän sammite gatnaşmak üçin Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy. Sammit sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine, medeni gatnaşyklary berkitmäge we ählumumy möçberde özara ynanyşmagy ilerletmäge ýardam etmek üçin täze meýdançany hödürleýär.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

► **Iň köp dakylýan atlar belli boldy.** Şu ýylyň başyndan bäri Russiýada çagalara dakylýan iň meşhur atlar Sofiýa we Mihail boldy. Sofiýa diýen at gyzjagazlaryň 8 müň 58 sanysyna dakyldy, ikinji orunda Ýewa (6960) we üçünji orunda Anna (6615) gelýär. Mihail adyny 9316 çaga dakdylar. Ikinji orunda Aleksandr (8245), üçünji orunda Artýom (7397) ýerleşdi.



► **Ştrausyň sazy Marsa ugradylar.** 31-nji maýda awstriýaly kompozitor Iogann Ştrausyň «Mawy Dunaý» atly sazy Ýewropanyň kosmos agentligi (ESA) tarapyndan kompozitoryň doglan gününiň 200 ýyllygynyň hormatyna signal arkaly Marsa ugradyldy. Saz ýagtylygyň tizliginde dört ýarym minutda Marsa ýetdi.



► **Aýa gonmazdan öň surat iberdi.** Ýaponiýanyň «ispace» kompaniýasy «X» sosial torunda «Resilience» gonuş modulynyň täze düşüren suratyny paýlaşdy. Suratda Aýyň Günorta polýusy görünýär. Modul şu ýylyň ýanwar aýynda «Falcon 9» raketasy arkaly Ýeriň hemrasyna ugradyldy. Enjam 5-nji iýunda Sowuk deňiz sebitine gondurylar.



# KAROL NAWROSKIÝ ÝEŇIŞ GAZANDY

**1-nji iýunda Polşada geçirilen Prezident saýlawlarynda «Kanun we adalat» partiýasynyň dalaşgäri Karol Nawroskiý ýeňiş gazandy. 42 ýaşly Karol Nawroskiý bäsdeşi, Warşawanyň häkimi, dolandyryjy «Raýat bileleşiginden» dalaşgär Rafal Tşaskowskiden 2% öňe geçip, 50,89% ses aldy. Saýlawlaryň ikinji tapgyryna gatnaşyk 71,63 göterime deň boldy.**



**Şeýlelikde, 2015-nji ýylda häkimiýete gelen Polşanyň häzirki Prezidenti Anjeý Dudanyň ikinji möhleti tamamlandy we kanun boýunça gaýtadan dalaşgärlik edip bilmeýär. Polşanyň Prezidenti 5 ýyl möhlet bilen saýlanýar we diňe bir gezek gaýtadan saýlanyp bilýär. Polşada döwlet Baştutany syýasy ugry kesgitlemekde onçakly möhüm rol oýnamaýar. Ýöne parlamentiň kanun taslamalaryna we hökümet başlangyçlaryna weto goýmaga hukugy bar.**

**Polşada Prezident saýlawlary göni ses bermek arkaly amala aşyrylýar. Eger-de birinji tapgyrda dalaşgärleriň hiç birisi 50 göterimden ýokary ses gazanyp bilmese, onda ikinji tapgyry bellenip, oňa birinji we ikinji orunlary eýelän dalaşgärler gatnaşýarlar. Resmi maglumatlara görä, Polşanyň ilaty 40 milliondan gowrak adama deňdir.**

# KOREÝA RESPUBLIKASYNYŇ TÄZE PREZIDENTI

3-nji iýunda Koreýa Respublikasynda geçirilen Prezident saýlawlarynda «Toburo» demokratik partiýasynyň dalaşgäri Li Çže Mýon ýeňiş gazandy. Onuň esasy bäsdeşi, ýurduň dolandyryjy konserwatiw «Halkyň güýji» partiýasynyň lideri Kim Mun-Su ýeňilendigini boýun aldy. Sesler doly sanalandan soň, Li 49,4%, Kim 41,1% ses aldy. Saýlawlara gatnaşyk 78 göterimden gowrak bolup, 1997-nji ýyldan bäri iň ýokary derejä ýetdi.



61 ýaşly Li Çže Mýon zähmet kanunlaryna özgerişlik girizmegi, esasan hem, zähmet hepdesini gysgaltmagy, çagalaryň sanyna baglylykda ene-atalar üçin salgyt tutumlaryny azaltmagy we pensiýa ýaşyny ýokarlandyrmagy wada berýär. Daşary syýasatda Li ABŞ we Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmekçi. Şeýle hem KHDR bilen aragatnaşyklary dikeltmek isleýändigini mälim etdi.

Koreýa Respublikasynda möhletinden öň guralan saýlawlar öňki Prezident Ýun Sok Ýol wezipesinden çekilenden soň geçirildi. 4-nji iýunda Milli saýlaw topary saýlawlaryň netijelerini tassyklandan soň, täze saýlanan Prezident kasam kabul edip, wezipesine girişdi.

Koreýa Respublikasy Gündogar Aziýadaky ýurt bolup, ilaty 51 milliondan gowrak adam. Ýurt Koreýa ýarym adasynyň günorta böleginde ýerleşýär. Respublikanyň diňe Koreýa Halk Demokratik Respublikasy bilen gury ýer, Ýaponiýa bilen hem deňiz serhedi bar. Ýurduň paýtagty Seul şäheri.

# 80-nji MEJLISIŇ BAŞLYGY BOLDY

Germaniýanyň öňki daşary işler ministri Annalena Berbok BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji mejlisiniň başlygy wezipesine saýlandy. Germaniýaly syýasatçy bu wezipä ýeke-täk dalaşgärdi. Mart aýynda Germaniýanyň Ministrler Kabinetiniň 2025-2026-njy ýyllar üçin BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy wezipesine dalaşgär hökmünde Berboky hödürlemegi meýilleşdirýändigi mälim boldy.

Kasam kabul ediş dabarasy BMG-niň Baş Assambleýasynyň umumy çekişmesiniň öňüsyrasynda 9-njy sentýabrda meýilleşdirilýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalaryndan başga, BMG-ä agza ýurtlaryň arasyndan bir ýyl möhlet bilen saýlanýar. Berbok gender deňligini we howany goramagy özüniň ileri tutýan ugurlary diýip atlandyrdy.



Annalena Berbok BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy wezipesini eýelän bäşinji zenan bolar. Berbok halkara hukugyny öwrendi we daşary işler ministri hökmünde birnäçe gezek Nýu-Ýorka baryp, Birleşen Milletler Guramasynda çykyş etdi. Maý aýynyň ortalarynda BMG-niň Baş Assambleýasynda eden çykyşynda Berbok özünden ozalkylardan has işjeň rol oýnamak isleýändigini aýtdy.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1783-nji ýylyň 5-nji iýunynda doganlar Žozef-Mişel we Žak-Eten Mongolfýe dogduk şäheri Fransiýanyň Annone şäherinde dünýäniň ilkinji howa şaryny uçurýarlar. Gyzgyn howa bilen doldurylan aerostat, takmynan, 500 metre çenli ýokary göterilýär. Ýüpekden taýýarlanan bu şarlar soňra «mongolfer» diýlip atlandyrylýar.**



## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**Dünýäniň iň uly gowagy bolan «Son Doong» gowagynyň beýikligi 152 metre, uzynlygy 9 kilometre ýetýär.**

# GOWAKLARY BILEN MEŞHURLYK GAZANAN SEÝILGÄH



**Il arasynda «Gudrat görseň, daglara bar» diýilýär. Hakykatdan hem, daglar owadan tebigaty, gurluşy, janly-jandarlary we ösümlik dünýäsi bilen täsin bir dünýäni emele getirýär. Daglaryň kert gaýalary, gowaklary we çylşyrymly ýodalary hem «beýik ymaratlaryň» gudratlydygyna şaýatlyk edýär. Şeýle gudratly ýerleriň biri hem dünýäniň iň uly gowaklaryny özünde jemleýän «Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähidir.**

Wýetnamyň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan «Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähi Hanoý şäheriniň 500 kilometr günortasynda ýerleşýär. 857 müň inedördül kilometr meýdany tutýan bu seýilgähde Truong Son daglaryndan oýulyp emele gelen 300-den gowrak gowak we çukurlar bar. Seýilgähiň ady «Phong Nha» gowagyndan we «Ke Bang» tokaýyndan emele gelýär.

«Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähindäki gowaklar täsin gurluşlary bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. «Phong Nha» gowagyna ýagyş möwsüminde baryp bolmaýar. Gowaga gezelenç etmegiň iň amatly wagty tomus we güýz aýlary hasaplanýar. «Phong Nha»-dan başga-da, «Son Doong», «Tien Duong», «Tu Lan», «Pygmy», «En», «Kayaking» we «Jennet gowagy» ýaly gowaklar seýilgähiň meşhur ýerleri hasaplanýar. Bu gowaklara doly aýlanmak üçin azyndan 4 gün gerek bolýar. Seýilgähde myhmanlar üçin ýörite ýolbeletler bolup, 3-4 günlük ekspedisiýalar guralýar. Gowaklara dyrmaşmaga, ýerasty derýalarda ýüzmäge we käbir ýerinde özbaşdak gezelenç etmäge rugsat berilýär. Gowaklaryň ähli ýeri tokaý bilen örtülendigi sebäpli, ýekelikde gezelenç etmek howply hasaplanýar.

2009-njy ýylda milli seýilgähiň çäginden «Son Doong» gowagy tapylýança «Phong Nha» dünýädäki iň uly gowak we ýerasty galereýa hökmünde tanalýardy. Uzynlygy 70 kilometre barabar bolan «Phong Nha» gowagynyň içinden ýaz aýlarynda suw akyp geçýändigi sebäpli, bu gowak iň uzyn ýerasty derýa adyny hem göterýär. «Son Doong» gowagynyň beýikligi 152 metre, uzynlygy 9 kilometre ýetýär. 2013-nji ýylda köpçüligiň barmagyna rugsat berlen bu gowaga iki sany deşikden Gün şöhlesi düşýär. Gowagyň düýbünde tokaý bolup, töwereginden ýagyş suwlary akyp geçýär. Gowagyň içinde 90 metr beýiklikde diwara meňzeş gaýa hem bar. «Son Doong» gowagy dünýäniň iň täsin we owadan ýerleriniň biri hasaplanýar.

«Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähiniň töwereginde obalar we myhmanlar üçin gurlan «Phong Nha» şäherçesi bar. Tebigaty söýýänler obalarda ýatymlaýyn galyp, öý haýwanlaryny idedýärler. Şaly ekilen meýdanlara aýlanyp, oba durmuşy bilen ýakyndan tanyşýarlar. Syýahatçylar obada horazlaryň sesine oýanyp, Günüň dogşuny hem synlap bilýärler. «Phong Nha» şäherçesinde galmak isleýän syýahatçylar umumy ýaşaýyş jaýynda ýa-da derýa kenaryndaky myhmanhanalarda bolup, gijeki şüweleňlere gatnaşyp bilýärler. Şäherçede ýerli we Günbatar tagamlaryny taýýarlaýan kiçijik maşgala restoranlary hem bar.

Seýilgähde gowaklara toparlaýyn gezelençleri guramak bilen bir hatarda, sport bilen meşgullanýan syýahatçylar üçin ýolsuz ýerde motosikl, welosiped sürmek, Bong Lai jülgesinde welosipedli gezelenç etmek, Çaý derýasynda gaýyk sürmek ýaly çäreler hem guralýar. «Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähine her ýyl 3 million syýahatçy barýar. 2003-nji ýylda «Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähi ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

# Öý şertinde taýýarlanýan tomus içimlikleri

**Howanyň yssy günlerinde adam bedeniniň suwuklyga bolan islegi hasda artýar. Adamlaryň aglaba bölegi teşneligini gandyrmak üçin gazlandyrylan ýa-da reňkli içimlikleri içenini kem görmeýär. Bu içimlikler saglyk üçin zyýanly bolup, suwsuzlygy gandyrmakda iň peýdalysy arassa agyz suwy hasaplanýar. Mundan başga-da, öý şertinde miwelerden taýýarlanýan şerbetler hem tomsuň jöwzaly günlerinde jana şypa berýär. Geliň, tebigy içimlikleriň käbiriniň taýýarlanylyşy bilen tanyş bolalyň!**

**Hyýarly aýran.** Megerem, hyýarly aýran tomus paslynda iň köp içilýän içimlikleriň biri bolsa gerek. 2 sany hyýary ownuk dogramaly ýa-da blenderden geçirmeli. Üstüne islege görä süzme goşup, arassalanan agyz suwuny az-azdan guýup, mazaly garmaly. Bu içimlige islege görä, pomidor, şibit, petruşka, reýhan ýa-da narpyz ýaly gök otlary hem goşup bolýar. Başga bir usulda bu içimligi taýýar aýran ýa-da gatyk goşup hem taýýarlap bilersiňiz. 96 göterimi suwdan ybarat hyýar C witamine we antioksidantlara baý gök önümdir. Hyýar suwuklyga bolan islegi kanagatlandyrmak bilen bir hatarda, immuniteti hem güýçlendirýär.

**Şekersiz limonad.** 4 sany limony miwe sykyjysyndan geçirip, üstüne 1 nahar çemçe bal hem-de 4 bulgur suw goşmaly. Mazaly garylandan soň, sowadyjyda birki sagat goýmaly. Bu içimlige şekere derek ary bal goşulýar. C witaminini we antioksidantlary özünde jemleýän şekersiz limonad yssy howada iň gowy içimlikleriň biridir.



**Süýtli ýertudana.** 5-6 sany ýertudana dänesini blender ulanyp, ýarym bulgur bişirilen süýt bilen garmaly. Taýýar bolan goýaltma 1 bulgur buzgaýmak goşup, mazaly garmaly. C witamine baý bolan ýertudana holesteriniň derejesini peseldýär. Şeýle hem ýürek-damar ýetmezçiliginiň öňüni almaga ýardam edýär.

**Pomidor şireli mineral suw.** Täze sykylan pomidor şiresine islege görä mineral suw hem-de narpyz goşup, 3-5 minut goýmaly. Soňra bu içimligi çemçe bilen garyşdyryp, gyssanman içmeli. Pomidor A, C we E witaminlere we foliý turşusyna baý gök önümleriň biridir. Pomidor Gün şöhlesinden derini goramaga hem-de bedeniň garramagyny gijikdirmäge ýardam edýär. Şeýle hem nerw ulgamyny köşeşdirmekde we ýürek keselleriniň öňüni almakda peýdalydyr.

**Dalçynly gök çaý.** Gök çaý tomus paslynda iň köp içilýän içimlikleriň biridir. Gök çaý demlenende oňa dalçyn taýajyklaryny hem goşup bilersiňiz. Dalçynly gök çaýy gyzgynlygyna däl-de, sowadyp içseňiz has lezzetli bolar. Dalçyn aşa yssyda gan basyşyny kadaly saklamaga, şeýle hem ýokançlyklara we bakteriýalara garşy göreşmäge kömek edýär.

**Sowuk kofe.** Dünýäde iň köp içilýän içimlikleriň biri kofe hasaplanýar. Köpler kofeni gyzgynlygyna içmegi halaýan bolsa, käbir adam sowuk kofeni halaýar. Soňky ýyllarda sowuk kofe öndürýän markalar hem ýüze çykdy. Sowuk kofeni öý şertinde hem taýýarlap bolýar. Munuň üçin demlenen kofeni sowatmaly we buz gutularyna guýup, sowadyjyda doňdurmaly. Soňra süýt bilen kofeli buz bölejiklerini garyşdyrmaly. Sowuk kofe tomus paslynda halanýan içimlikleriň biridir.

# Bedeniňizde D witamini ýeterlikmi?

**D witamini bedeniň süňk gurluşyndan başlap, immuniteti berkitmäge çenli birnäçe möhüm amaly ýerine ýetirýär. Gün şöhlesi D witaminiň tebigy çeşmesi hasaplanýar. Emma şeýle-de bolsa, howanyň aşa yssy günleri Gün şöhlesi bedene ters täsir edip, dürli nähoşluklara getirip bilýär. Eýsem, D witamini nähili ýagdaýda kabul etmeli? D witamininiň ýetmezçiligi nähili ýagdaýlara sebäp bolýar?**

«Kalsiferol» diýlip hem atlandyrylýan D witamini bedende kalsiniň we fosforyň siňdirilmegine, süňkleriň we dişleriň sagdyn ösmegine ýardam edýär. Ýagda ereýän bu witamin deride Gün şöhlesiniň üsti bilen sintez edilýär ýa-da iýmit arkaly bedene aralaşýar. Bagyrda we ýag dokumalarynda saklanýan bu witaminiň 2 esasy görnüşi – D2 (ergokalsiferol) we D3 (holecalciferol) görnüşleri bar.




Hünärmenleriň bellemegine görä, bäbekleriň we uly ýaşly adamlaryň bedeni D witamini has köp talap edýär. Ulularda süňkleriň gowşamagy ýa-da döwülmegi, çagalarda süňk ösüşiniň bozulmagy, ýürek-damar ulgamyndaky ýetmezçilikler, demgysma, käbir ýokançlyklar D witamininiň ýetmezçiligi bilen baglanyşyklydyr.

**Haýsy iýmitlerde D witamini saklanýar?**

Balykda, etde, bagyrda, ýumurtganyň sarysynda, peýnir, mesge, gatyk ýaly süýt önümlerinde, petruşka we kinza ýaly gök otlarda D witamini saklanýar.

Howanyň yssy günlerinde irden sagat 10:00-dan 18:00-a çenli aralykda Günüň aşagynda gezmek maslahat berilmeýär. Gün şöhlesinden gelýän D witamini dogry we zyýansyz kabul etmegiň wagty irden 9:00-a çenli we agşamlyk 19:00-dan soň hasap edilýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.




Tomsuň tüp yssy günleriniň birinde kakam ikimiz surat studiýasyndan çykyp, öýe geldik. Biz maşgala bolup her birimiziň aýratynlykda düşen suratlarymyzy synladyk.

Atamyň suraty çal reňkde çykypdyr:

– Garrylygyň alamaty bolsa gerek – diýip, atam başyny ýaýkady. Enemiň suraty gara çykypdyr:

– Ýöne saçlarym ak – diýip, enem dillendi. Kakamyň suraty goňur çykypdyr. Ol surata siňe seredip:

– Juwanlygyň alamaty bolsa gerek – diýdi. Ejemiň suraty ýaşylymtyl çykypdyr.

– Bul-a bag ýaly bolupdyr – diýip, ejem dillendi. Agamyň suraty göm-gök bolup çykypdyr.

– Edil deňziň bar-da – diýip, agam ýylgyrdy. Gyz doganymyň suratynda bolsa, her tüýsli reňk öwüsýärdi. Ol:

– Meniň suratymda pasyllaryň bary – bahar, tomus, güýz we gyş bile gelipdir – diýip şatlandy. Meniň suratym bolsa gülgün bolup çykypdyr.

– Be.. bu şemdany gülleriniň reňkini hem ýatlatman duranok – diýip, suratyma içgin göz gezdirdim.

Güýz gelende güýçli ýeller öwsüp başlady. Kakam howlymyzyň bir çetinde guran ýapraklary otlap durka, ýanýan ýapraklaryň ajy tüssesi ýüzüme urup, gözlerimi ýaşartdy. Men bu bolşy halaman gözlerimi owkaladym. Şol wagt güýçli şemal elimdäki suratlary göterip, oda taşlady.

Men:

– Wah, suratlarymyz, suratlarymyz – diýip, oduň içinde çabyrap ýanyp ugran suratlaryň daşynda elewredim.

Kakam suratlary çekip çykaryp durka, oduň ýalny ellerini az-owlak daglap aldy. Biz ýarym ýanan suratlara seredip, ýüregimiz awady.

Kakam:

– Gynanmaň, men olary täzeden çykartmaga bererin – diýip, göwünlik berdi. Biz begendik. Gyz doganym has-da begendi.

Gyşda kakam ýarym ýanyk suratlarymyzy surat studiýasyna äkitdi. Suratçy näçe kyn düşenem bolsa, suratlarymyzy gaýtadan dikeldip berdi. Kakam ikimiz suratlary öýe getirdik. Hemmämiz ýygnanyşyp, suratlary görüp ugradyk. Siziň maňa ynanmazlygyňyz hem mümkin. Belki-de meniň aýdýanlaryma gülersiňiz. «Bularyň baryny düýşünde görüpdir» diýjegem tapylar.

Atamyň ýarysy ýanan suratynda diňe jübi sagadynyň döwük şekili galypdyr. Garry enemiň suratynda bolsa, diňe goňralan elleriniň şekili galypdyr. Kakamyň suratynda diňe ýarysy ýanan bir düzüm açaryň şekili galypdyr. Ejemiň suratynda nika ýüzüginiň çat açan şekili galypdyr. Agamyň suratynda bolsa, boýdan-başa tüssä gaplanan şekilini gördük. Gyz doganymyň az-kem ýanan suratynda bolsa, aýna daragyň döwük şekili galypdyr. Meniň gülgün suratymyň reňki solup, sülleren bir şemdany gülüni görenimizde, hemmämiziň nebsimiz agyrdy.

– Ýene-de surata düşeris. Bu ýerde gynanara zat ýok ahyryn – diýip, kakam göwünlik berdi. Muňa biziň hemmämiz begendik. Gyz doganym has-da begendi.

Ýaz paslynda bir gün irden biziň howlymyza suratçy geldi.

Atam gelip, fotoenjamyň göni öňünde oturdy-da ýylgyrdy. Ol öz ýany bilen uly sagat hem getiren eken. Şoňa görä ol gülse-de, gelişmän durjak däldi. Enem gelip, atamyň gapdalynda oturdy-da ýylgyrdy. Onuň ellerinde bir aýna bilen iki sany şemdan bardy. Kakam gelip, enemiň gapdalynda oturdy-da, mys-mys ýylgyrdy. Onuň elinde kümüşden edilen ýalpyldawuk açar düzümi bardy. Ejem geldi-de, kakamyň ýanynda oturdy. Onuň elinde lowurdap duran tylla ýüzük bardy. Ejem hem ýylgyrdy. Agam geldi-de, ejemiň gapdalynda oturdy. Onuň egninde deňizçileriň eşigi bardy. Kakam oňa garap:

– Ýylgyr-da – diýdi. Gyz doganym geldi-de, agamyň gapdalynda oturdy. Onuň elinde bolsa, aýna daragy bardy. Hemmesi ýylgyrýardy. Ejem gyz doganyma garap:

– Gaty gülme – diýdi. Menem gelip, atamyň we enemiň öňündäki ýerde oturdym. Meniň elimde bolsa, şemdany gülleriden doly güldan bardy.

Surat studiýasyndan getiren suratlarymyzy görüp örän begendik.

– Bu hiç-le. Eger gerek bolsa, biz pasyllaryň ählisinde-de howlymyzda surata düşüp bileris – diýip, kakam dillendi. Kakam bize söz berdi-de işe gitdi.

Tomus günleriniň birinde säher bilen biziň hemmämiz maşgala bolup, howlymyzda suratçynyň fotoenjamynyň öňünde oturdyk.

Gyz doganym we giýewimiz toý lybasyndady. Atam uly sagadyny gyz doganyma berdi. Enem gyz doganyma aýnasyny we şemdanlaryny uzatdy. Kakam bir düzüm açarynyň içinden ýalpyldap duran bir kümüş açary aýryp, gyz doganyma berdi. Ejem şol tylla nika ýüzügi gyz doganyma berdi. Agam gyz doganyma birnäçe deňiz sadabyny berdi. Men gyz doganyma şol şemdanyly güldany berdim. Suratçy biziň suratymyzy aldy-da ýylgyrdy.

Biz soňra şol suraty gördük. Biziň hemmämiz bir suratdadyk. Hemmämizem şap-şadyýandyk.

*Pars dilinden terjime eden*
**Gurbandurdy HOJAÝEW,**
*Türkmenistanyň ussat mugallymy, Etrek etrabynyň Gyzylbaýyr obasynyň ýaşaýjysy.*

## Buker baýragy ilkinji gezek hekaýalar toplumy üçin berildi

Hindistanly ýazyjy Banu Muştagyň «Heart Lamp» (Ýürek-çyra) atly kitaby Halkara Buker baýragyna eýe boldy. Baýragyň web saýtynyň maglumatlaryna görä, taryhda ilkinji gezek baýrak romana däl-de, hekaýalar toplumy üçin berildi. Kitapda 12 hekaýa ýerleşdirilip, musulman zenanlaryň we Hindistanyň günortasynda ýaşaýan azlyk wekilleriň, ýagny dalit zenanlaryň durmuşy barada gürrüň berilýär. Banu Muştak özüniň çetleşdirilen jemgyýetleriň we zenanlaryň durmuşyna gatnaşýandygyny gürrüň berdi. Ýazyjy zenanyň aýtmagyna görä, ol hekaýalarynyň köpüsi üçin pikirleri öňdebaryjy aýal-gyzlaryň çagyryşlaryndan aldy. Muştak diňe bir aklawçy bolman, eýsem, zenan hukuklaryny goraýjy görnükli aktiwistdir.

1990-2023-nji ýyllar aralygynda ýazylan hekaýalar Hindistanyň resmi dilleriniň biri bolan kannada dilinde ýazylypdyr. Ýurduň gündogarynda we günbatarynda ýaýran bu dilde 65 million töweregi adam gepleýär. Ýürekdeşligi we ýiti gülki duýgusyny döredýänligi üçin ýygynda ýokary baha berildi.

Banu Muştak 50 müň funt sterling möçberdäki baýragy (67 müň dollardan gowrak) kitabyny iňlis diline terjime eden Dipa Bhasti bilen deň paýlaşar. Ol Halkara Buker



baýragyny alan ilkinji hindi terjimeçisi boldy.

Halkara Buker baýragy dünýäde 2004-nji ýylda döredilen iň abraýly edebiýat baýraklaryň biridir. Ol her ýyl dünýäniň dürli künjeginden eserleri iňlis diline terjime edilen we Beýik Britaniýada ýa-da Irlandiýada neşir edilen kitaplaryň awtorlaryna berilýär.

**Merdan GAÝYPNAZAROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Emeli aň Agata Kristini «janlandyrar»

«BBC Maestro» platformasyndaky bilim taslamasyna gatnaşdyrmak maksady bilen emeli aň arkaly Agata Kristini «janlandyrarlar». «Iňlis ýazyjysynyň sanly awatary ýazyjylyk ussatlygy boýunça sapak berer» diýip, «The Independent» gazeti habar berdi. Taslama aktrisa Wiwýen Kin gatnaşar. Ol Kristiniň keşbini dikeltmäge kömek eder. Awtora aňrybaş meňzeşlik bolsa, şekilleri döredýän emeli aňyň kömegi bilen gazanylar. Detektiw žanr boýunça nusgawy ýazyjynyň sesi saklanyp galan ses ýazgylarynyň esasynda dikeldiler.

Sapak «BBC Maestro» onlaýn platformasynda ýerleşdiriler. Sapaklaryň mazmuny ýazyjynyň eserlerine we arhiw söhbetdeşliklerine esaslanar. Hünärmenler onuň hekaýanyň gurluşyna, keşpleri döretmeklige we sýužeti ösdürmeklige bolan çemeleşmesini görkezerler. Jemi 11 sapak geçilip, hersiniň dowamlylygy 20 minutdan az bolmaz.

Agata Kristi (1890–1976) 60-dan gowrak romanyň awtory. Ol detektiw žanry boýunça dünýäniň iň meşhur ýazyjylarynyň biridir. Onuň eserleri adamzat taryhynda Injilden we Şekspiriň eserlerinden soň iň köp neşir edi-




len kitaplara öwrüldi. Kristiniň kitaplary 4 milliarddan gowrak nusgada çap edildi we dünýäniň 100-den gowrak diline terjime edildi.

**Mergen GURBANNAZAROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, podpolkownik.*

## Bill Geýts: tomusda okamak üçin kitaplar

Dünýä belli amerikan işewüri Bill Geýts tomusda okamak üçin kitaplaryň sanawyny hödürledi. Şu ýyl ol öz terjimehalyny gürrüň berýän ýazyjylaryň kitaplaryny okamagy maslahat berdi. Kitaplaryň her birinde öňegidişlik, adamkärçilik we kynçylyklary ýeňip geçmek temalary ileri tutulýar.

**«Şahsy kyssa» (Personal History), Ketrin Grem.**

Ketrin Grem adamsy ýogalandan soň, «The Washington Post» gazetine redaktorlyk edýärkä gabat gelen kynçylyklary barada gürrüň berýär. Geýts bu kitaby çydamlylygyň, öňdebaryjylygyň we edermenligiň mysaly hasaplaýar.

**«Umydyň kowgusynda» (Chasing Hope), Nikolas Kristof.**

Kitabyň awtory öz ömrüni garyplyga we kesellere garşy göreşe bagyşlaýar. Kitapda dünýäniň iň kyn ýerlerinde işlän žurnalistiň şahsyýet hökmünde kemala gelşi barada gürrüň berilýär. Geýts awtoryň özüne «Gates Foundation» gaznasyny döretmäge sebäp bolandygyny ýazýar. Ol, aýratynam, awtoryň umyt ýok ýaly görnen ýagdaýlarda-da, umytdan düşmän tagallalaryny dowam etdirişine ýokary baha berýär.

**«Okumyş» (Educated), Tara Westower.**

Awtor köne pikirli maşgalada ulalýar. Muňa garamazdan, ol özbaşdak okap, kolleje okuwa girýär, soňra Kembrijde doktorlyk derejesini alýar. Geýts onuň başdan geçirenlerini bilimiň hem güýçli erkiň kynçylyklary ýeňip geçip biljekdiginiň mysaly hasaplaýar.

**«Reňksiz» (Born a Crime), Trewor Noa.**

Awtor özüniň GAR-daky çagalyk ýyllary barada gürrüň berýär. Ol aparteid ýyllarynda dünýä inýär. Geýts bu kitaba hem şadyýan, hem gynançly diýip baha berýär. Ol Noanyň başyndan geçiren agyr günlerini gülki bilen gürrüň berýändigini belleýär.

**«Ýeňliş» (Surrender), Bono.**

Terjimehal eserinde Irlandiýadan aýdym-saz toparynyň wokalistiniň ýetginjeklikden tä belli sazanda




bolýança başdan geçirenleri barada gürrüň berilýär. Geýts bu kitapdan köp täze zatlary öwrenendigini ýazýar. Ol kitabyň işiňe bolan wepalylygy açyp görkezýändigini aýdýar. Geýtsiň pikiriçe, bu kitap diňe bir aýdym-saz muşdaklaryny däl, eýsem, hemmeleri ruhlandyrýan eserdir.

**Bahar ANNAÝEWA,**
*Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň 19-njy orta mekdebiniň mugallymy.*




**18-nji SKANWORD**

**Aýna HOMMADOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



**35-nji KROSSWORD**

**DIKLIGINE:** **1.** Ululygy torgaý ýaly, mör-möjek iýýän ala guş. **2.** Ispan tansy. **4.** Un bilen däne garylyp tokgalanan iým. **5.** Däp-... **6.** Basyş güýji arkaly suwuň zogdurylyp çykýan akymy. **7.** Karib deňzindäki bir döwlet. **11.** Elýüz süpürmek üçin dörtburç mata bölegi. **13.** Hindi şazadasy. **19.** Insiz, uzyn ýaprakly, ýaýraň we çeýe şahaly agaç. **20.** Dünýäniň ýedi täsinliginiň biri. **21.** Mertlik görkezen, özüniň başarjaňlygy, dogumlylygy bilen beýlekilerden saýlanan. **22.** Psihologiýa hünärmeni. **23.** Ulumsy, gopbam. **24.** At çalyşmasy. **25.** «Nowruz geldi bu gije,/Gyzlar atarlar ...» (Monjugatdy). **26.** Sena. **29.** Iňlis ölçeg birliginde 3 futa ýa-da 36 dýuýma deň uzynlyk. **30.** Goýnuň ýüňünden taýýarlanýan öý düşegi. **32.** ...-ata. **33.** Diňe gije wagtlary. **34.** Gurluşyk serişdesi. **36.** Biriniň daş görnüşi, üst-başy. **38.** Gymmat bahaly daş. **39.** Ruslaryň milli etli tagamy. **41.** Nal urmak, nal goýmak. **42.** Ozon öndürýän ýöriteleşdirilen enjam. **44.** Günden uzaklygy boýunça sekizinji planeta. **45.** Nyşan, bellik.

**KESELIGINE:** **3.** Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň bir bölegi. **8.** ... arabaglanşyk ulgamy. **9.** Bir işe, pikire berlip, diňe şonuň bilen meşgullanýan. **10.** Awstriýaly kompozitor we aýdym-saz tankytçysy Alban ... **12.** Söweş sungatynyň bir görnüşi. **14.** Uzak, daş. **15.** Ultramelewşe şöhläniň täsiri astynda emeli aşgarlamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan otag. **16.** Patyşa,soltan. **17.** Garganyň bir görnüşi. **18.** Adamyň gelip çykyşy we ösüşi, jemgyýetdäki özüni alyp baryş kadalary, medeni we tebigy gurşawda barlygyny öwrenýän hünärmen. **22.** Ýarym sintetik materiallaryň toplumy. **25.** Däneli ekin. **27.** Gruziýada taryhy sebit. **28.** Her hili matadan tikilýän, egne geýilýän ýuka geýim. **31.** Hoja Nasreddiniň ýörgünli ady. **33.** Berdinazar Hudaýnazarowyň bir romany. **35.** Torgaýdan ulurak, boz reňk, saýraýan meýdan guşy. **37.** Aziýada bir döwlet. **40.** Käbir ýurtda sebitiň iň ýokary wezipeli adamy. **43.** Aýlaryň biri. **46.** Mazaly, süýji. **47.** Gyz ady. **48.** Sygyr sürüsi. **49.** Çydamly, dözümli. **50.** Dok-..., açgöz däl. **51.** Gyz ady. **52.** Argentinada we Urugwaýda meşhur jübüt tansy. **53.** Sportuň bir görnüşi.

33-nji krosswordyň jogaby:



34-nji krosswordyň jogaby:



**Agajan ASTANAKULOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# 12-nji tapgyryň duşuşyklary

**Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 12-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 10 goluň geçirilen duşuşyklarynyň 2-sinde myhmanlar ýeňiş gazandy.**

Ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary myhmançylykda «Merw» toparyny Didar Durdyýewiň 6-njy hem-de Altymyrat Annadurdyýewiň 78-nji minutlardaky gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Oýnuň 90-njy minutynda «Merwden» Amangeldi Saparow 2-nji sarydan soň, «Arkadag» toparyndan bolsa Ahmet Ataýew gyzyl kart aldy.

«Altyn Asyr» topary hem myhmançylykda ýeňiş gazanan beýleki klub boldy. «Köpetdag» bilen duşuşan «Altyn Asyr» 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Çekeleşikli geçen oýnuň gollaryny ýer eýelerinden Didar Didarow (45), aragatnaşykçylardan bolsa Röwşengeldi Halmämmedow (41), Selim Nurmyradow (59) hem-de Rahman Myratberdiýew (71) geçirdi.

Balkanabatda ýerli «Nebitçi» topary paýtagtyň adybir kluby «Aşgabat» toparyny 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Her ýarymda 1 gol geçiren «Nebitçi» toparynyň adyndan Serdar Tukiýew (43) bilen Baýramgeldi Nurlyýew (71) tapawutlandy.

Tapgyryň deňlikde tamamlanan ýeke-täk duşuşygynda «Ahal» bilen «Şagadam» utuklary paýlaşdylar. «Ahaldan» Gurbanmuhammet Esenowyň 39-njy minutdaky goluna «Şagadam» topary Yhlas Magtymowyň 51-nji minutdaky goly bilen jogap berdi.

TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 10 | 10 | 0 | 0 | 36–4 | 30 |
| 2 | «AHAL» | 12 | 8 | 1 | 3 | 26–10 | 25 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 12 | 8 | 1 | 3 | 17–10 | 25 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 13 | 6 | 4 | 3 | 16–16 | 22 |
| 5 | «NEBITÇI» | 13 | 3 | 3 | 7 | 7–11 | 12 |
| 6 | «AŞGABAT» | 12 | 3 | 2 | 7 | 11–21 | 11 |
| 7 | «MERW» | 13 | 2 | 3 | 8 | 6–21 | 9 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 13 | 1 | 2 | 10 | 7–33 | 5 |

# Möwsümdäki 5-nji ýeňşini gazandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 9-njy ýaryşy – Barselona-Katalunýa «Gran Prisi» Ispaniýanyň Montmelo şäherinde geçirildi. 66 aýlawdan ybarat ýaryşda «McLaren» toparynyň sürüjileri goşa üstünlik gazandy. Olar ýaryşy başlaýşy ýaly tamamladylar. Pellehana 1 sagat 32 minut 57,375 sekuntda gelmegi başaran Oskar Piastri ýaryşyň ýeňijisi boldy. 2 bäsleşikden soň münberiň ýokary basgançagyna çykan



Piastri möwsümdäki 5-nji, karýerasy boýunça-da 7-nji ýeňşini gazandy. Piastri yzly-yzyna 8-nji gezek ýeňiş münberine çykyp, «McLaren» toparynyň rowaýaty sürüjisi Aýrton Sennanyň 37 ýyllyk şahsy rekordyny täzeledi. Toparyň rekordy Lýuwis Hamiltona degişli bolup, Piastri ýene-de 2 ýaryşda münbere çyksa, onda ol toparyň täze rekordçysy bolar. Bu ugurda F1-iň rekordy Mihael Şumahere degişlidir. Şumaher 2001-nji ýylda ABŞ «Gran Prisinden» 2002-nji ýyldaky Ýaponiýa «Gran Prisine» çenli 19 ýaryşda münbere çykmagy başardy.

«McLaren» toparynyň beýleki sürüjisi, britaniýaly Lando Norris topardaşyndan 2,471 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. «Ferrari» toparyndan monakoly Şarl Lekler ýaryşy 3-nji orunda tamamlady. «Mercedes» toparyndan britaniýaly Jorj Rassell 4-nji, «Kick Sauber» toparyndan germaniýaly Niko Hülkenberg 5-nji, «Ferrari» toparynyň britan piloty Lýuwis Hamilton 6-njy orna mynasyp boldy. Fransiýaly sürüjiler – Isak Hadžar («Racing Bull») 7-nji, Pier Gasli («Alpine») 8-nji, ispaniýaly Fernando Alonso («Aston Martin») 9-njy orunlary eýelediler. Aslynda, ýaryşy 5-nji bolup tamamlan, ýöne 10 sekuntlyk jerime alan «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen 10-njy orny eýeläp, 1 utuk gazandy.

Şunlukda, 9-njy ýaryşdan soň Oskar Piastri 186 utuk bilen sanawdaky birinjiligini dowam etdirýär. Ondan 10 utugy az topardaşy Lando Norris 2-nji ýerde barýar. 3-nji basgançakdaky Maks Werstappeniň 137 utugy bar.

Möwsümiň 10-njy ýaryşy 15-nji iýunda Kanadanyň Monreal şäherinde geçiriler.

# 25 ýyldan soň çempionlyk ugrunda göreşer

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da finalçylaryň 2-si hem belli boldy. Günbatar Konferensiýanyň adyndan «Oklahoma Siti Tander» topary 2012-nji ýyldan soň ilkinji gezek NBA-nyň finalyna çykypdy. Olaryň finaldaky garşydaşy «Indiana Peýsers» topary bolup, indianapolisliler 25 ýyldan soň atlaryny finala ýazdyrdy. Gündogar Konferensiýanyň finalynyň 6-njy duşuşygynda «Nýu Ýork Niksi» öz meýdançasynda 125:108 hasabynda ýeňen «Indiana Peýsers» umumy hasapda 4:2 öňe saýlandy. Olar mundan öň diňe 2000-nji ýylda NBA-nyň finalynda oýnapdy. «Oklahoma Siti Tander» topary 5-nji gezek NBA-nyň finalyna çykyp, 1979-njy ýylda çempionlyk gazanypdy. 1978-nji, 1996-njy we 2012-nji ýyllarda-da finalda ýeňlipdi.




«Oklahoma Siti Tander» bilen «Indiana Peýsersiň» arasyndaky final duşuşyklary 6-njy, 9-njy, 12-nji hem-de 14-nji iýunda oýnalar. Ilkinji 2 duşuşyk Oklahoma Sitide, soňky 2 oýun Indianapolisde oýnalar. Ilkinji 4 oýunda ýeňiş gazanan topar çempion bolar. Gerek bolan ýagdaýynda bolsa 5-nji, 6-njy hem-de 7-nji duşuşyklar 17-nji, 20-nji we 23-nji iýunda geçiriler.

# GEÇEN ÝYLYŇ FINALY GAÝTALANAR

Amerikanyň Milli hokkeý ligasy NHL-de hem finala çykan toparlar belli bolup, Stenli Kubogy ugrundaky final oýunlarynda geçen ýylyň finalçylary duşuşarlar. Ýagny, «Florida Panters» bilen «Edmonton Oýlers» bassyr 2-nji gezek finalda özara güýç synanyşarlar. Geçen ýylda «Florida Panters» topary 7 oýundan soň 4:3 hasabynda üstün çykyp, ilkinji çempionlygyny baýram edipdi. Olar bassyr 3-nji, umumylykda-da 4-nji gezek NHL-niň finalyna çykmagy başardy.

«Edmonton Oýlers» bolsa 9-njy gezek finalda oýnar. Kanadanyň Alberta şäheriniň wekili mundan öňki 8 finalda 5 gezek çempionlyk gazanyp, Stenli Kubogyny eýeläpdi. Olar soňky gezek 1990-njy ýylda çempion bolupdy.

«Florida Panters» topary Gündogar Konferensiýanyň finalynda «Karolaýn Hurrikeýnsi», «Edmonton Oýlers» bolsa Günbatar Konferensiýanyň finalynda «Dallas Starsy» 5 oýnuň netijesinde 4:1 hasabynda ýeňipdi.

«Florida Panters» bilen «Edmonton Oýlersiň» arasyndaky final oýunlaryna şu gün badalga berler. Ýagny ilkinji 4 duşuşyk 5-nji, 7-nji (ilkinji 2 oýun Albertada), 10-njy, 13-nji iýunda (Floridada) oýnalar. Zerur bolan ýagdaýynda 15-nji, 18-nji hem-de 21-nji iýunda 5-6-7-nji duşuşyklar hem geçiriler.




# «Milan» bilen «Lasio» öňki tälimçilerini wezipä belledi

Möwsümi kuboksyz tamamlan «Milan» topary portugaliýaly tälimçisi Seržio Konseýsauny wezipesinden boşadyp, onuň ornuna kluba ozal hem tälim beren Massimiliano Allegrini belledi. «Milan» kluby 57 ýaşyndaky tälimçi bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Italýan metbugatynda çykan habarlara görä, Allegri «Milandan» ýyllyk 5 million ýewro hak alar. Ol 2010-2014-nji ýyllar aralygynda hem «Milana» tälim berip, topary 2010/11 möwsüminde çempion edipdi. Soňlugy bilen «Ýuwentusa» geçen Allegri turinlileriň düzüminde bolsa «Serie A»-da ýene-de 5 çempionlyk kubogyny asmana göterdi.

«Milandan» soň «Lasio» topary-da ozalky tälimçisi Maurisio Sarrini tälimçilige belledi. Marko Baroniniň ornuna bellenen 66 ýaşyndaky Sarri 2021-2024-nji ýyllar aralygynda-da rimlilere tälimçilik edipdi.

Italiýada «Fiorentina» toparynda-da tälimçi Raffaele Palladino öz islegi bilen topardaky wezipesini taşlady. «Romada» Klaudio Ranieriniň hem şertnamasynyň möhleti dolup, onuň ornuna «Atalantanyň» tälimçisi Jan Piero Gaspeririniň paýtagtlylaryň täze tälimçisi bolmagyna garaşylýar.





# PSŽ – UEFA Çempionlar Ligasynyň 24-nji çempiony

**UEFA Çempionlar Ligasynda 70-nji möwsümiň çempiony belli boldy. Germaniýanyň Münhen şäherindäki «Allianz Arena»-da oýnalan finalda taryhy netije ýüze çykdy. PSŽ bilen «Interiň» arasyndaky oýunda fransuz kluby uly hasap bilen 5–0 hasabynda garşydaşyny ýeňip, taryhy çempionlyk gazandy. Rumyniýaly Iştwan Kowaçyň eminlik eden duşuşygyna 64 müň 327 janköýer tomaşa etdi. Şunlukda, ýaryşyň täze formatdaky ilkinji geçirilişinde PSŽ topary çempionlyk gazandy.**




Duşuşyga parižliler erjellik bilen başlady. Eýýäm oýnuň 12-nji minutynda «Interiň» ozalky oýunçysy Aşraf Hakimi owadan paslaşykdan soň Dueniň asist etmeginde hasaby açdy. Oýnuň 20-nji minutynda bu gezek Dueniň özi gol geçirip, ol jerime meýdançasynyň içinde topy batly urdy we Dimarkonyň aýagyna degen top derwezä girdi. 1-nji ýarymyň ahyrynda we 2-nji ýarymyň başynda Hwiça Kwarasheliýa yzly-yzyna 4 howply, 100 göterimlik golluk pursatlardan peýdalanyp bilmedi. Duşuşygyň 63-nji minutynda ýene-de Due tapawutlanyp, hasaby 3–0-a çykardy. Bu goldan 10 minut soň Hwiça ahyry pökgini derwezä girizdi. Oýnuň 86-njy minutynda-da duşuşyga soň giren Maýulu 5-nji goly «Interiň» derwezesinden geçirdi.







Şunlukda, PSŽ taryhy hasap bilen «Interi» ýeňip, ilkinji egzek Çempionlar Ligasynyň Kubogyny gazanmagy başardy. PSŽ topary UEFA-nyň birinji derejeli klub ýaryşynda çempionlyk gazanan 24-nji topar hökmünde hasaba alyndy. PSŽ topary «Marselden» soň UEFA Çempionlar Ligasynda çempionlyk gazanan 2-nji fransuz kluby boldy. Fransuz klublary, ýagny 5 topar şu wagta çenli 8 gezek finala çykyp, olara 2 çempionlyk başartdy. PSŽ topary soňky 21 ýylda ispandyr iňlis, italýan hem-de nemes toparlaryndan daşgary çempionlyk gazanan klub boldy. Soňky gezek 2004-nji ýylda «Porto» ýeňiş gazanypdy.





### Täze çempionlary ýüze çykarýan şäher

● Münhen şäherinde ýene bir ýola, ýagny 5-nji finalda 5-nji gezek hem täze çempion peýda boldy. Mundan öň Germaniýanyň Münhen şäheri Çempionlar Ligasynyň finalyny 4 gezek kabul etdi. Şolaryň 3-si «Bawariýa» toparynyň ozalky stadiony «Olympiastadion»-da geçirildi. 4–5-nji duşuşyklar «Allianz Arena»-da oýnaldy. Münhen şäherinde oýnalan final oýunlarynyň bäşinjisinde hem täze çempion ýüze çykdy. 1979-njy ýylda Angliýanyň «Nottingam Forest» topary Şwesiýanyň «Malmö» toparyny 1–0 hasabynda ýeňip, ilkinji kubogyny gazanypdy. 1993-nji ýylda-da ýaryş UEFA Çempionlar Ligasy ady bilen geçirilip başlanan ilkinji möwsüminde Fransiýanyň «Marsel» topary Italiýanyň «Milanyny» 1–0 hasabynda utupdy. 1997-nji ýylda Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» topary Italiýanyň «Ýuwentus» toparyny 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar edipdi. 2012-nji ýylda-da «Çelsi» «Allianz Arena»-da ýer eýesi «Bawariýa» bilen bolan duşuşykda soňky minutlarda hasaby deňläp, 11 metrlik jerime urgularynyň netijesinde garşydaşyndan üstün çykypdy we bu ýaryşdaky ilkinji kubogyny gazanypdy. Bu gezek hem PSŽ topary ilkinji kubogyny Münhen şäherinde gazanmagy başardy. Şeýle-de, Münhen şäherinde italýan klublary 3-nji gezek ýeňlişe sezewar bolup, olary ýeňen klublaryň 2-si fransuz toparlarydyr.

### PSŽ trebl eden 9-njy klub

● Ýewropada 11-nji gezek bir klub bir möwsümde 3 kubogy – Çempionlar Ligasy hem-de milli liga çempiony, şol sanda ýerli kubok ýaryşynda ýeňiji boldy. PSŽ muny başaran 9-njy topar diýlip hasaba alyndy. PSŽ-den öň 1967-nji ýylda «Seltik», 1972-nji ýylda «Aýaks», 1988-nji ýylda PSW, 1999-njy ýylda «Mançester Ýunaýted», 2009-njy we 2015-nji ýyllarda «Barselona», 2010-njy ýylda «Inter», 2013-nji we 2020-nji ýyllarda «Bawariýa» hem-de 2023-nji ýylda «Mançester Siti» möwsümi trebl dereje bilen tamamlapdy. Şol 9 klubuň 4-si Çempionlar Ligasynyň finalynda «Interi» ýeňlişe sezewar etdi. 1967-nji ýylda «Seltik», 1972-nji ýylda «Aýaks», 2023-nji ýylda «Mançester Siti» şu ýyl, bolsa PSŽ Çempionlar Ligasynyň finalynda «Interden» üstün çykmagy başardy.

### Guardioladan soň Enrike

● PSŽ-niň tälimçisi Luis Enrike 2 başga topar bilen Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazanan 7-nji tälimçi boldy. Enrikeden öň Ernst Happel, Ýupp Haýnkes, Ottmar Hitsfeld, Žoze Mourinio, Karlo Ançelotti, Pep Guardiola ýaly ussat tälimçiler 2 dürli topar bilen iň uly klub ýaryşynyň kubogyny asmana göteripdi.

Şol sanda Luis Enrike watandaşy Pep Guardioladan soň bir möwsümde 2 başga topar bilen 3 kubogy gazanan (treble eden) 2-nji tälimçi boldy. Luis Enrike 2015-nji ýylda «Barselona» bilen hem möwsümde 3 kubok gazanypdy. Luis Enrike PSŽ-däki 7-nji, tälimçilik karýerasyndaky 16-njy kubogyny gazandy.

### Iň uly tapawutly final

● PSŽ UEFA Çempionlar Ligasynyň finalynda iň uly aratapawut bilen ýeňiş gazanan klub hökmünde bellige alyndy. Mundan öň 1960-njy ýylda «Real Madrid» «Reýmsi» 7–3, 1974-nji ýylda «Bawariýa» «Atletikony» 4–0 (gaýtalanan oýunda), 1989-njy ýylda «Milan» «Stýauany» 4–0, 1994-nji ýylda «Milan» «Barselonany» 4–0 hasaplar bilen ýeňipdi.

1970-nji ýylda esaslandyrylan PSŽ toparyny 2011-nji ýylda katarly işewür Nasser Al-Helaifi satyn alypdy. Şondan bäri topar 38 kubok gazanmagy başardy. 2011-nji ýyldan öň PSŽ-niň 17 kubogy bardy. Şeýle-de, Çempionlar Ligasynyň kubogy PSŽ sport toparynyň taryhyndaky 100-nji (Nasser Al-Helaifiniň satyn almagyndan soň umumylykda 71) kubok hökmünde hasaba alyndy. Şolaryň 55-si futbol klubuna degişli bolup, galanlary zenan futbol toparyna, şol sanda gandbol, woleýbol, basketbol ýaly sportuň beýleki görnüşlerinden gazanylan kuboklardyr. Al-Helaifiniň PSŽ-ni satyn alanyndan soň 3,1 milliard ýewrodan gowrak puly futbolçy transferine goýberendigi bellenilýär.

### Finalyň iň ökde oýunçysy

● Finalyň iň ökde oýunçysy diýlip, 19 ýaşyndaky Desire Due saýlandy. Ol Beýlden soň finalda 2 gol salan ilkinji futbolçy boldy. Desire Due ýaryşyň şu möwsümdäki iň ökde ýaş futbolçysy baýragy bilen sylaglandy. Ol 16 oýunda 5 gol geçirdi. Ol UÇL-niň final oýunlarynda tapawutlanan iň ýaş 4-nji futbolçy, PSŽ-niň 5-nji goluny salan Senni Maýulu bolsa iň ýaş 2-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Çempionlar Ligasynyň finalynda gol salan iň ýaş futbolçy 18 ýaş 327 gün bilen niderland oýunçysy Patrik Kluiwert bolup, ol 1995-nji ýylyň finalynda «Aýaks» «Milany» 1–0 ýeňende topary ýeňiş getiren ýeke-täk goly öz adyna ýazdyrypdy.

Hwiça Kwarasheliýa UEFA Çempionlar Ligasynda ýeňiji bolan 2-nji gruziýaly (1-njisi Kakha Kaladze), derwezeçi Matweý Safonow 5-nji russiýaly oýunçy diýlip bellige alyndy.

Aşraf Hakimi finalda gol salan ilkinji marokkoly futbolçy boldy.

### Soňky 5 ýylda kuboksyz ilkinji möwsüm

● «Inter» topary 4-nji gezek finalda ýeňildi. Kubogy 1964-nji, 1965-nji we 2010-njy ýyllarda gazanan «Inter» 1967-nji, 1972-nji, 2023-nji hem-de 2025-nji ýyllarda ýeňlişe sezewar boldy. «Inter» topary «Liwerpul» (4), «Milan» (4), «Ýuwentus» (7), «Benfika», «Bawariýa» (5) klublaryndan soň finalda 4 gezek utulan 6-njy klub hökmünde hasaba alyndy. 2019/20 möwsüminden soň möwsümi kuboksyz tamamlan «Inter» 22-nji aprele çenli, ýagny Italiýanyň Kubogy ýaryşynyň ýarym finalynda «Milandan» utulýança 3 ýaryşyň, trebl etmegiň bosagasynda durdy. «Inter» topary çempionatda-da soňky tapgyrda çempionlygy «Napoli» klubuna aldyrdy.

Täze formatda geçirilen ýaryşda liga tapgyryny 4-nji orunda tamamlan «Inter» 8 oýnuň 6-synda ýeňiş gazanyp, 1 gezek utuldy we 1 gol geçirtdi. Ýöne finala çenli utulan-çykdy oýunlarynda 1 gezek hem utulmady. Şol 6 duşuşykda 10, finalda bolsa jogapsyz 5 gol geçirtdi.

PSŽ topary liga tapgyrynda 3 gezek utulyp, kynlyk bilen, has takygy, soňky oýunlarda öňe saýlanmagy başardy. Liga tapgyryny 15-nji orunda tamamlan parižliler 14 gol geçirip, 9 gol geçirtdiler. «Intere» garanyňda, utulan-çykdy tapgyrlarynda 2 oýun artykmaç oýnan PSŽ 2 duşuşykda ýeňildi, 6 goly derwezelerinden goýberdi.

PSŽ topary 13-nji awgustda UEFA Super Kubogy duşuşygynda Ýewropa Ligasynyň ýeňijisi «Tottenham» bilen duşuşar. 50-nji UEFA Super Kubogy duşuşygy Italiýanyň Udine şäherindäki «Fruli» stadionynda geçiriler. Şeýle-de, PSŽ topary dekabr aýynda geçiriljek FIFA Interkontinental Kubogy ýaryşyna hem gatnaşar.

13 gezek tapawutlanan «Borussiýa Dortmundyň» hüjümçisi Seru Girassi bilen «Barselonanyň» ýyldyzy Rafinýa ýaryşyň iň köp gol geçiren oýunçylary boldy.

PSŽ-niň çempionlygyna 8 golluk goşant goşan Usman Dembele möwsümiň iň ökde oýunçysy saýlandy.











**PARI SEN-ŽERMEN:** Donnarumma – Hakimi, Markinios, Paço, Nuno Mendeş (L. Hernandes 78) – Žoao Neweş (Zair-Emeri 84), Witinýa, Fabian Ruiz (Maýulu 84) – Kwarasheliýa (Gonsalu Ramuş 84), Dembele, Due (Barkola 66); Tälimçi: Luis Enrike

**INTER:** Sommer – Pawar (Bissek 53, Darmian 62), Açerbi, Bastoni – Dumfris, Barella, Hakan Çalhanoglu (Asllani 70), Mhitarýan (Augusto 62), Dimarko (Zalewski 53) – Lautaro Martines, Turam; Tälimçi: Simone Inzagi

**GOLLAR:** Hakimi 12, Due 20, 63, Kwarasheliýa 73, Maýulu 86



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## Aşgabatda çagalar we ýetginjekler merkezi gurlar

*Ýurdumyzda çagalar barada edilýän hemmetaraplaýyn alada, olaryň beden, ruhy taýdan sagdyn ösmegi üçin amatly şertleriň döredilmegi, ýaşajyk türkmenistanlylaryň bilim almaga, saglyklaryny berkitmäge bolan hukuklarynyň üpjün edilmegi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan durmuş ugurly syýasatyň möhüm ugurlarynyň biridir.*

Gahryman Arkadagymyz ýakynda paýtagtymyza amala aşyran iş saparynyň çäklerinde «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň binalarynyň şekil taslamalary bilen tanyşdy hem-de Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasynyň bu merkeziň çäginde gurulmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.



Ýakynda paýtagtymyzda «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň düýbüniň tutulmagy we bu möhüm wakanyň Çagalary goramagyň halkara güni bilen gabat gelmegi ýaş nesil baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenendiginiň nobatdaky aýdyň güwäsidir.

Ýurdumyzda ýaşlaryň döredijilik ukyplarynyň ösmegi üçin hemme şertler döredilýär, döwrebap medeniýet merkezleri, konsert meýdançalary, sungat mekdepleri bina edilip, şolarda çagalar başlangyç, ýöriteleşdirilen bilim hem-de döredijilik bilen meşgullanmaga mümkinçilik alýarlar. Bu bilim we medeniýet ojaklarynda ýaş zehinler ýüze çykarylýar, geljekki artistler, sazandalar, suratkeşler terbiýelenýär.

«Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň düýbüniň tutulmagy hem medeniýeti we sungaty ösdürmek boýunça ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli işleriň aýdyň subutnamasydyr.

Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan çagalaryň döwrebap terbiýelenmegi we sagdyn bolup ýetişmekleri üçin möhüm işler alnyp barylýar. Gaznanyň goldawy bilen, howandarlyga mätäç ýaş raýatlara yzygiderli ýardam berilýär. Daşary ýurtlaryň çagalaryna ynsanperwerlik kömegi iberilýär.

Häzirki döwürde medeniýet we sungat işgärleriniň täze neslini kemala getirmek, milli sungatymyzyň inçe ýollaryny öwretmek we olary kämilleşdirmäge höweslendirmek ýaly wezipelere aýratyn ähmiýet berilýär. Döwletimiz tarapyndan berilýän goldawyň netijesinde, ýaşlar saýlap alan ugurlary boýunça dünýä derejesinde bilim alýarlar. Bu mümkinçilikler türkmen halkynyň milli medeniýetiniň we sungatynyň ösmegine goşant goşjak, geljekde sungat äleminiň ýyldyzlary bolup ýetişjek zehinli ýaşlary kemala getirmäge itergi berýär.

Paýtagtymyzyň binagärlik keşbini has-da gözelleşdirjek merkezde çagalaryň ylym-bilimini, ukyp-başarnygyny artdyrmagy üçin ähli zerur şertler dörediler. Şeýle hem dürli hünärlere ugrukdyrýan gurnaklar hereket eder, sport we oýun meýdançalary, medeni çäreleri geçirmäge niýetlenen ýerler, amfiteatr, ýol hereketiniň düzgünlerini öwrenmek üçin meýdança we beýleki desgalar gurlar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň hem-de Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasynyň düýbüniň tutulmagy bagtly çagalygyň, bilimleriň ýurdy hökmünde eziz Watanymyzyň dünýädäki abraýyny has-da belende galdyrdy.

Ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly, ylymly-bilimli, Watanymyza wepaly şahsyýetler bolup ýetişmekleri ugrunda döredilýän hemmetaraplaýyn şertler üçin Milli Liderimize hem-de hormatly Prezidentimize alkyş aýdýarys.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

## Toý-dabaralar durmuşymyzyň bezegi

*Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda dürli medeni hem-de halkara derejesindäki çäreler giň gerimde geçirilýär, olar ýurdumyz bilen dünýä döwletleriniň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklary has-da ösdürmäge ýardam berýär.*

**Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna mäkäm jebisleşen bagtyýar il-ulsumyz ýurdumyzda toýlanýan şanly seneleriň, baýramlaryň dabarasyny uludan tutýar. Munuň şeýledigini şatlyk-şowhuna beslenip bellenilýän Gurban baýramy, onuň öň ýanynda iýun aýynyň 2-7-si aralygynda ýurdumyzda geçiriljek iri halkara medeni çäreleri – «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwaly, 3-nji iýunda geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişi şu aýyň soňky günlerinde giňden belleniljek Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni aýdyňlygy bilen görkezýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, umumadamzat medeni ösüşinde aýratyn orny eýeleýän Gurban baýramy Gündogar halklary bilen birlikde türkmen halkynyň hem asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere dowam edip gelýän belent ahlak gymmatlyklaryny, däp-dessurlaryny, ynanç-ygtykatlaryny özünde jemleýär, parahatçylygy, dostlugy we ynsanperwerligi dabaralandyrýar.**



**Medeniýet ulgamyndaky dialog häzirki döwletara gatnaşyklaryň özboluşly sazlaşygydyr. Türkmenistanyň umumy medeniýetlerde möhüm ornunyň bolmagy köp babatda ruhy köklere wepalylyk, ruhy mirasyň, ata-babalarymyzyň pähim-paýhasy bilen döredilen köpasyrlyk özboluşly däp-dessurlarynyň aýawly saklanylmagy bilen şertlendirilendir.**

**Döredilen ygtybarly maddy-enjamlaýyn binýat medeniýet ulgamynyň edaralarynyň işini kämilleşdirmäge ýardam edýär. Häzirki wagtda diňe bir paýtagtymyzda däl, eýsem, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ajaýyp teatrlar, kitaphanalar, muzeýler, kinoteatrlar, şeýle hem kinokonsert we sergi zallary, açyk sahna meýdançalary hereket edýär. Olaryň hatarynda «Türkmeniň ak öýi» ýaly täsin binalar bar. Ýurdumyzyň ähli künjeginde döwrebap medeniýet öýleri we medeni-dynç alyş merkezleri guruldy. Olaryň hatarynda Aşgabat şäherindäki «Bagt köşgi» toý dabaralary merkezi hem bar. Bu merkez hem türkmen toýlarynyň esasy merkezi bolup hyzmat edýär. Aslynda, türkmen halky dabara tutmakda milli däplere berlen, aýratynda toý toýlamakda uly yhlasyny siňdirýän millet. Toý däpleri bolsa, şeýle milli ýörelgeleriň esasyny düzmek bilen, dini garaýyşlary-da, gadymy ynanç-ygtykatlary hem özüne jemläpdir. Bu babatda köne dessurlar öz gezeginde täze ýörelgeler bilen sazlaşyp, özboluşly gyzgalaňy – türkmen toýlaryny döretdi.**

**«Görogly» dessançylyk sungatynyň, «Küştdepdi» türkmen milli aýdym we tans dessurynyň, şeýle hem dutar ýasamak senetçiliginiň, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi milli sungatymyzyň hem-de halkymyzyň bu beýik sungaty dörediji milletdiginiň bütindünýä ykrarnamasy boldy. Şeýle beýik sungaty döreden halkymyzyň ruhy baýdyr, türkmen halky ruhubelent milletdir.**

**Ýazmyrat GULMYRADOW,**
***Aşgabat şäher häkimliginiň «Bagt köşgi» toý dabaralary merkeziniň medeni usulyýet merkeziniň usulyýetçi maslahatçysy.***

## Şadyýan tomus – bagtyýar çagalyk

*«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri her biriniň dowamlylygy 10 günden ybarat bolan 4 tapgyrda hereker edip, bu merkezlerde bir tapgyrda ýurduň dürli künjeklerinden 1783 çaganyň dynç alşy guralar.*

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Çaganyň şahsyýetiniň kemala gelmegi daşky gurşawyndan öwrenen zatlaryna baglydyr. Şonuň üçin ýurdumyzda çagalaryň kämil ösüşini üpjün etjek gurşawyň döredilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Boş wagtlarynda sport ýa-da döredijilik bilen meşgullanýan çagalaryň ruhy kämillige ýetmäge mümkinçiligi artýar. Ýaşlaryň ruhy hem beden taýdan kämil bolmagy bolsa Watanymyzyň geljekki ösüşleriniň binýadydyr. Munuň özi ýurdumyzy belent sepgitlere ýetirmek üçin çagalaryň ösüş ýolunda ähli şertleriň göz öňünde tutulmagy, olaryň boş wagtlaryny peýdaly we medeniýetli geçirmekleri bilen berk baglanyşyklydyr.



Ýurdumyzda çagalaryň gatnaşmagynda halkara medeni çäreler, şol sanda çagalar festiwallary yzygiderli geçirilýär. Munuň özi Ýer ýüzüniň çagalaryna biziň ýurdumyz, onuň ýeten belent sepgitleri bilen ýakyndan tanyşmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Bu bolsa Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda çagalar hakynda uly alada edilýändiginiň ýene bir mysalydyr.

Häzirki wagtda mekdeplerde okuw ýylynyň tamamlanmagy bilen çagalaryň dynç almagy üçin ähli zerur şertler döredilýär. Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş möwsümi dowam edýär. Çagalaryň köpüsi wagtyny şadyýan we manyly geçirmek üçin dynç alyş merkezlerini saýlaýarlar. Bu ýerde olar täze dostlary tapynýarlar, dürli oýundyr güýmenjeler bilen meşgul bolýarlar. Dynç alyş we sagaldyş merkezleriniň guraýan çäreleri çagalaryň döredijilik bilen meşgullanmagynyň iň gowy usulydyr. Gyzykly çäreleriň dowamynda çagalar topar bolup işlemegi we her bir işde birek-biregi goldamagy öwrenýärler.

Ösüp gelýän nesliň dynç alyş günleriniň dürli görnüşli we gyzykly çärelere baý bolmagy üçin çagalaryň ygtyýaryndaky döwrebap sagaldyş merkezleri ähli mümkinçiliklere eýedir. Çagalaryň dynç alyş merkezlerinde dürli oýunlary oýnamak hem-de bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy üçin niýetlenen ajaýyp meýdançalar, tans zallary, kompýuter tehnologiýalarynyň muşdaklary üçin merkezler, el işleri üçin gurnaklar, teatr we şekillendiriş sungatynyň studiýalary ýerleşýär, baý kitap gaznaly kitaphanalar işleýär.

Şeýle hem dynç alyş merkezlerinde medeniýet we sungat işgärleri bilen duşuşyklar göz öňünde tutulýar. Merkezlerde belli sahna ussatlarynyň – meşhur teatr we sirk, aýdym-saz toparlarynyň çykyşlary bolar. Çagalar üçin ýurdumyzyň baş şäheriniň ajaýyp ýerlerine gezelençler guralar. Körpeler taryhy-medeni ýadygärliklere, paýtagtymyzyň muzeýlerine, dynç alyş merkezlerine baryp görerler.

Bir söz bilen aýdylanda, Gökderedäki sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde, ýurdumyzyň beýleki künjeklerindäki dynç alyş merkezlerinde dynç aljak çagalara gyzykly çäreler garaşýar.

Çagalaryň oňat dynç almaklary üçin döwletimiz tarapyndan uly aladalar edilýär. Okuwçylaryň dynç alýan wagtlaryndaky her bir şadyýan pursatlary olaryň ýadyndan çykmajak derejede geçirilmegi, çagalary täze okuw ýylynda oňat okamaga, elmydama göreldeli bolmaga ruhlandyrýar. Şonuň üçin bilim ulgamynyň işgärleri tarapyndan çagalaryň tomusky dynç alyş günleriniň geçirilişine-de uly üns berilýär. Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş günleriniň talabalaýyk guralmagy barada döwlet derejesinde oňyn çözgütler kabul edilýär. Çagalaryň dynç alyş günleriniň ýörite iş meýilnamasy düzülip, onda bagtyýar çagalarymyzyň 3 tapgyra bölünip şadyýan dynç almaklary göz öňünde tutulandyr.

**Güljan IŞANGULYÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*


«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň halkyny mukaddes baýramçylyk – Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy uly ruhubelentlik, güýç-gaýrat, päklik bilen ýaşamagy aňladýar. Indiki ýyllarda-da Siziň baştutanlygyňyzda agzybirlik bilen Gurban baýramyny bellemek her birimize miýesser etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowaeco

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli türkmenistanlylary musulman ymmatynyň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze öwüşgine eýe bolan milli gymmatlyklarymyzyň biri hem Gurban baýramydyr. Gurban baýramy mynasybetli Size uzak ömür, berk jan saglyk, alyp barýan işleriňizde üstünlik, halkymyza bagtyýarlyk arzuw edýäris! Aýt-gurbanlygyňyz, etjek doga-dilegleriňiz kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRi

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli türkmenistanlylary mukaddes Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys! Gurban baýramy hormatyň, dostlugyň, ýaraşygyň, agzybirligiň, birek-birege hemaýat bermegiň, parahatçylygyň baýramydyr. Goý, ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny Siziň baştutanlygyňyzda bellemek hemmämize nesip etsin!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

«ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli halkymyzy musulman ymmatynyň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Ýurdumyzda her ýyl Gurban baýramy dabaralanyp, agzybirlikde, ruhubelentlikde, şatlyk-şagalaňda, rysgal-bereketde bellenilýär. Ol bagtyýar halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, azat, erkana durmuşyny, ynsana goýulýan belent sarpany aňladýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işiňiz rowaç bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

**ONUŇ ALYHEZRETI,**
**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Siziň Alyhezretiňiz!**

«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň işgärleriniň adyndan Sizi we ähli türkmen halkyny Gurban baýramy bilen gutlaýarys! Size türkmen halkynyň röwşen geljegi we Türkmenistanyň halkara abraýynyň has hem ýokarlanmagy üçin alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bagt we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»**
**kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ,**
**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Ваше Превосходительство!**

Компания «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» поздравляет Вас и весь туркменский народ с праздником Курбан байрам! Желаем Вам успешной работы в деле повышения благосостояния туркменского народа и укрепления авторитета Туркменистана на международной арене, а народу Туркменистана счастья и благополучия.

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании**
**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»**
**в Туркменистане.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**
**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас и весь дружественный народ Туркменистана со светлым праздником Курбан байрамы.

Благословенный Курбан байрамы, испокон веков символизируя такие высокие ценности ислама, как гуманизм и толерантность, единство и взаимопонимание, благотворительность и обоюдную поддержку, занимает особое место в духовной сокровищнице мусульманского мира.

Курбан байрамы – наивысшее выражение дружбы, сплочённости и взаимоуважения. Этот древний праздник прививает и развивает в людях духовность, веру, уважение к общественным устоям, нравственность и справедливость.

Проводя внешнюю политику на принципах мира и дружбы, гуманизма и развития, Вы планомерно наращиваете сотрудничество с международными и региональными организациями. Ваша внутренняя и внешняя политика, направленная на созидание и прогресс, великая деятельность государственного и общечеловеческого значения нацелены на дальнейшее гармоничное развитие Туркменистана и повышение её авторитета в мире.

Сегодня благодаря самоотверженному труду туркменского народа, в Туркменистане претворяются в жизнь масштабные реформы во всех отраслях национальной экономики. Строя новые сёла и посёлки, современные промышленные комплексы, планомерно укрепляется позиция Туркменистана на мировой арене.

Ещё раз сердечно поздравляем Вас с Курбан байрамы!

Желаем Вам крепкого здоровья, долголетия, счастливой жизни и семейного благополучия!

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН,**
**Генеральный директор филиала Китайской**
**Национальной Нефтегазовой Корпорации**
**«Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

## «BALKAN« GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi belent ynsanperwerlik gymmatlyklaryny we egsilmez ruhy baýlygy özünde jemleýän mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

Ýürekdeşlige, dost-doganlyga hem-de hoşniýetlilige ýugrulan Gurban baýramy watansöýüji, adalatly, sabyr-kanagatly, sahawatly bolmak baradaky müdimi ýörelgeleri özünde jemleýär. Bütin durky bilen halallyga, arassa ahlaklylyga uýan ata-babalarymyz ynsanperwerligi, dost-doganlygy we dogruçyllygy, hoşniýetliligi we ýagşylyk etmegi durmuş kadasyna öwrüpdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu kadalar her bir maşgalanyň asudalygynyň we abadançylygynyň, tutuş jemgyýetimiziň agzybirliginiň hem-de bitewüliginiň girewi bolup hyzmat edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Türkmen halkynyň bagtyýarlygyny, ýurdumyzyň abadançylygyny Beýik Biribardan dileg edýäris! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ägirt uly özgertmelerini durmuşa geçirmekde türkmen halkyna üstünlik arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody»**
**AGPJ-niň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**«TÜRKMENHIMIÝA»**
**DÖWLET KONSERNINIŇ**

## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bellenilýän mukaddes Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size uzak ömür, berk jan saglyk, halkyň röwşen geljeginiň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde üstünlikler dileýäris! Türkmenistanyň mähriban halkyna abadançylyk, rowaçlyk, agzybirlik we jebislik, şatlyk we bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň**
**«TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

Balgaýmak

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Ähli musulman halklary bilen bilelikde agzybirlikde ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny bellemek halkymyza nesip etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

PETRONAS

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!**

Biz Siziň Alyhezretleriňizi musulman dünýäsiniň mukaddes baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys. Goý, bu hoşniýetliligiň we ruhy arassalygyň nyşany bolan şanly baýram ynsan jemgyýetlerine ylham we bereket getirmegini dowam etsin.

Siziň Alyhezretleriňize we ähli türkmen halkyna berk jan saglyk we durnukly rowaçlygy arzuw edýäris.

**TO HIS EXCELLENCY, PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV THE ESTEEMED PRESIDENT!**

We sincerely congratulate Your Excellency on the blessed occasion of Eid al-Adha, one of the most sacred holidays in the Muslim world. May this auspicious holiday which symbolises kindness and spiritual purity, continues to inspire and bring blessings to many.

We wish Your Excellency and the people of Turkmenistan good health and enduring success.

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.

## «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýurdumyzda mukaddes baýram bolan Gurban baýramynyň uly dabara bilen bellenilmegine taýýarlyk görülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe erkana ýaşaýan halkymyz Gurban baýramyny asuda asmanyň astynda belläp geçmäge ähli mümkinçilikleri döredýändigiňiz üçin Size çäksiz hoşallyk sözlerini aýdýarlar. Gurbanlyk günleri türkmen halky sadaka edip, il-ýurt abadançylygyna, Siziň jan saglygyňyza ýagşy dilegler edýär.

Ýurdumyzda müňýyllyklaryň dowamynda dinini, däp-dessurlaryny we dilini arassa saklap gelen merdana halkymyzyň ruhy-ahlak gymmatlyklary, asylly ýörelgeleri mynasyp dowam etdirilýär hem-de baýlaşdyrylýar. Nesillerden-nesillere geçip gelýän mukaddes ynançlar we adatlar, sahawatlylyk, hoşniýetlilik, birek-birege sarpa goýmak ýaly ynsanperwer däpler ösdürilýär. Ýurdumyzda Gurban baýramynyň döwlet derejesinde agzybirlikde bellenilmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şöhratly ata-babalarymyzdan miras galan milli däp-dessurlarymyza, belent umumadamzat gymmatlyklaryna uly sarpa goýulýandygyny aýdyň tassyklaýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY**
**RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J.

## «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

Musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň öňüsyrasynda ildeşlerimiz tutuş dünýäniň zyýaratçylarynyň millionlarçasy bilen bir hatarda, şu sahawatly günlerde mukaddes Käbä tagzym etmek we beýleki däp bolan dessurlary berjaý etmek üçin Mekgede hem-de Medinede bolýarlar. Zyýaratçylar yslam dünýäsinde mukaddes saýylýan Mekge-Medinä gidip, haj parzyny ýerine ýetirmäge zerur şertleriň döredilýändigi üçin Size tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini beýan edýärler, däp-dessurlarymyza döwlet derejesinde üns berilýändigi üçin tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarlar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Watandaşlarymyz haj parzyny berjaý edýän pursatlarynda Beýik Biribardan mähriban halkymyzyň bagtyýarlygyny, ata Watanymyzyň abadançylygyny, Siziň jan saglygyňyzy dileg edip, aýat-doga okarlar, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän beýik işlerde merdana halkymyza üstünlikleri arzuw ederler. Türkmen zyýaratçylarynyň doga-dilegleri Gudraty Güýçli Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY

HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI»**
**Türkmenistandaky**
**Resmi distribýutory**